TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI DÖWÜRDE ÝURDUMYZYŇ OBA HOJALYK PUDAGYNY TOPLUMLAÝYN ÖSDÜRMEK, ONUŇ MADDY-ENJAMLAÝYN BINÝADYNY HAS-DA BERKITMEK, EKERANÇYLYGYŇ MEDENIÝETINI ÝOKARLANDYRMAK, ÖNÜMÇILIGE ÖŇDEBARYJY TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMAK, TOHUMÇYLYK IŞINI KÄMILLEŞDIRMEK BOÝUNÇA NETIJELI IŞLER DURMUŞA GEÇIRILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
9-njy ýanwar, 2026. Belgisi 2/1672



# MÖWSÜMLEÝIN OBA HOJALYK IŞLERI GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILÝÄR

**5-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bugdaý ekilen meýdanlarda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde sürüm, tekizleýiş, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri dowam etdirilýär. Daýhanlary ýokary hilli tohumlar bilen üpjün etmek üçin gowaça tohumyny taýýarlamak, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, talabalaýyk saklamak babatda zerur çäreler görülýär. Şeýle hem häkimler welaýatlaryň çägindäki medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz we agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işleriň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň, ýazky ekiş möwsümine talabalaýyk taýýarlyk görmegiň möhüm ähmiýetini belledi we bu babatda häkimlere degişli tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamak barada tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen täze ýylda ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, hususan-da, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar. Şunda oba hojalyk tehnikalarynyň netijeli işledilmegine aýratyn üns berilýär. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde sürüm, tekizleýiş, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri dowam edýär. Ekiş möwsüminde pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin ähli zerur işler alnyp barylýar. Ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýarlamak we talabalaýyk saklamak boýunça hem zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün edýän oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki strategik ornuna ünsi çekdi we wise-premýere pudagy mundan beýläk-de döwrüň talabyna laýyklykda ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin oba hojalyk işlerine ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ideg işlerini talabalaýyk geçirmegiň, gowaça ekiljek ýerlerde sürüm we tekizleýiş işlerini agrotehniki kadalara laýyk ýerine ýetirmegiň, pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumlary bilen ýeterlik möçberde üpjün etmegiň, ýaz ekişinde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme talabalaýyk taýýarlamagyň möhümdigini belledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz welaýatlarda pagta we bugdaý öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda 2024-2025-nji ýyllaryň pagta, 2025-2026-njy ýyllaryň bugdaý hasyly üçin ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini berk gözegçilikde saklamagy, Mary welaýatynda ýetişdirilen gant şugundyrynyň hasylyny öz wagtynda ýygnap almak boýunça zerur çäreleri görmegi, welaýatlarda ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işleýşini hem-de ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz we agyz suwy bilen üpjünçiligini aýratyn gözegçilikde saklamagy, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň barşyna berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

## Gulbaba adyndaky çagalar baýragy gowşuryldy

**6-njy ýanwarda Söwda-senagat edarasynda Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Bu baýrak bilen ýurdumyzyň zehinli çagalary – ders olimpiadalarynyň, zehin we döredijilik bäsleşikleriniň, sport ýaryşlarynyň ýeňijileri sylaglanylýar.**





Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi we Bilim ministrligi tarapyndan guralýan, ýaş türkmenistanlylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan bu bäsleşik her ýyl Watanymyzyň ähli künjeginden 18 ýaşa ýetmedik zehinli çagalaryň ýüzlerçesini bir ýere jemleýär. Şu ýyl ýörite diplomlara we ýadygärlik sowgatlara bäsleşigiň 99 gatnaşyjysy hem-de 4 sany döredijilik topary – «Joşgun» tans topary, «Galkynyş» çeper okaýyş topary, «Jahan» döredijilik merkeziniň çagalar hory, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň çagalar bagynda terbiýelenýän körpeler mynasyp boldy.

Däp bolşy ýaly, bu bäsleşik gyşky dynç alyş möwsüminde, paýtagtymyzda Täze ýyl mynasybetli esasy dabaralaryň ýaýbaňlandyrylýan günlerinde geçirilýär. Bu ýyl bolsa Gulbaba adyndaky çagalar baýragyny gowşurmak dabarasy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» şygary astynda geçýän täze – 2026-njy ýylyň çäreleri bilen utgaşyp, çagalara ruhubelentlik hem-de şatlyk bagyşlady. Döredijilik bäsleşigi her ýyl ýurdumyzdan köp sanly täze zehinleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Olaryň birnäçesi çeper döredijilik bilen meşgullanyp, deň-duşlarynyň arasynda ykrar edilmäge mynasypdyr. Ýene birnäçeleriniň dürli bäsleşiklere gatnaşmakda ýeterlik tejribesi bar bolsa, başgalary mekdep olimpiadalarynyň, sport ýaryşlarynyň ýeňijileridir. Olaryň içinde iň tapawutlananlary bäsleşigiň döwlet tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýarlar.

Dabara gaýtalanmajak owazy bilen halkymyzyň aýdym-saz sungatynyň taryhynda öçmejek yz goýan Gulbabanyň döredijilik mirasyna bagyşlanan wideoşekilleriň görkezilmegi bilen başlandy. Gysga ömri ýaşandygyna garamazdan, ol ussatlygyň ýokary derejesine ýetmek bilen, halkymyzyň söýgüsini gazanyp, milli aýdym-saz medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşupdyr. Wideoşekillerde milli medeni mirasymyzda orun alan aýdymlar ýaňlandy.

Çärä gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda ýeňijileriň atlary yglan edildi. Olara gymmat bahaly sowgatlar we diplomlar gowşuryldy. Bäsleşigiň ýeňijileri öz çykyşlarynda parahatçylygyň, bagtyýarlygyň mekany bolan ýurdumyzda okamaga, döredijilik we sport bilen meşgullanmaga döredýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

## Sebitara hyzmatdaşlygyň täze nusgasy



Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklary täze hil derejesine çykarmak, sebitde parahatçylygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek maksady bilen döredilen konsultatiw duşuşyklar sebit diplomatiýasynyň iň täsirli gurallarynyň birine öwrüldi. Bu format bäş sany doganlyk döwletiň – Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň hem-de Özbegistanyň syýasy, ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda bitewi bir meýdançada jemlenmegini üpjün edýär.

Häzirki wagtda Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanma bildirýän döwletleriň sany barha köpelýär. 3

## Türkmenistan – behişdi bedewleriň mekany

**Ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak asylly däbe öwrüldi. Munuň özi halkymyzyň abadançylygyny, raýatlarymyzyň watançylyk ruhuny, olaryň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan giň möçberli durmuş-ykdysady özgertmelere goşant goşmak hyjuwyny şöhlelendirýär. Şu günler 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli dürli çäreler guralýar.** 3



## «Galkynyş» gaz käni ýurdumyzyň energetika kuwwatyny berkidýär



Ýurdumyz ägirt uly uglewodorod serişdeleri bilen dünýäniň energetika bazarynda möhüm orun eýeleýär. «Galkynyş» gaz käni diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýäniň iň iri gury ýer gaz känleriniň biri hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda bu käni yzygiderli we tapgyrlaýyn özleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen täze – 2026-njy ýyl ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynda alnyp barylýan işleriň oňyn netije berýändigini alamatlandyrýan wakalar bilen başlady. 3

### Ewerest dagy arassalanar

Golaýda Nepalyň häkimiýetleri Ewerest dagyny arassalamak boýunça bäş ýyllyk toplumlaýyn iş meýilnamasyna badalga berlendigini mälim etdiler. 4



### Dünýäniň iň sowuk şäheri we obasy

Dünýäniň sowuk şäherleriniň arasynda Harbin, Ulan-Bator, Winnipeg, Norilsk, Ferbanks, Ýakutsk we Ýellounaýf ýaly şäherler öňdeligi eýeleýär. 5



### Antarktidanyň täsin ýaşaýjylary

Pingwinler maşgalasyna degişli bolan alabeder deňiz guşy uçup bilmeýändigine garamazdan, ýüzüp hem-de suwa çümüp bilýändigi bilen tapawutlanýar. 6



### Agasy ýaly çempionlyk gazandy

Her ýylyň ahyrynda başlap, täze ýylyň ilkinji hepdesinde tamamlanýan lyžaly bökmek boýunça «Four Hills Tournament» ýaryşynda sloweniýaly Domen Prews ýeňiji boldy. 7



## ADAMSYPAT robotlar işlär

«Hyundai Motor» kompaniýasy önümçilik kärhanalarynda 2028-nji ýyldan başlap, adamsypat robotlary ulanyp başlajakdygyny mälim etdi. Kompaniýa Las-Wegasda geçirilýän Sarp ediji elektronikasy (CES) sergisinde «Boston



Dynamics» tarapyndan işlenip taýýarlanan «Atlas» atly robotyny tanyşdyrdy. Koreý brendi «Atlas»-y ABŞ-nyň Jorjiýa ştatyndaky kärhanasy bilen bir hatarda dünýäniň ähli ýerindäki zawodlarynda ulanmagy maksat edinýär. Kompaniýanyň wekilleri adamsypat robotlaryň ilkinji nobatda fiziki taýdan kyn we howply işleri ýerine ýetirjekdigini, soňra bolsa, adamlar bilen bilelikde çylşyrymly işleri etjekdigini mälim etdi.

Her ýylyň ýanwar aýynda geçirilýän sergi bu ýyl 6-9-njy ýanwar aralygynda guralýar. Sergide emeli aň, robot tehnologiýasy, mobil enjamlar, dakynylýan tehnologiýalar, «akylly» öý enjamlary görkezilýär.

**Ogulbike MÄMIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## REKORD bahadan satyldy

**Ýaponiýada ýerden alnan ilkinji hasyly, deňizden tutulan ilkinji balygy auksion arkaly satmak däbi bar. Bu auksion ýurduň milli gymmatlygy bolup, syýahatçylaryň hem ünsüni çekýär. Täze ýylyň bellenilýän günlerinde ýurtda deňizden tutulan gök ýüzgüçli tunes balygy auksionda satylyp, 2019-njy ýyldaky**



**rekordy täzeledi. 2019-njy ýylda Tokiodaky auksionda bir balyk 333,6 million ýene satylypdy. Bu gezek bolsa, täze awlanan balyk 510 million ýene (3,24 million amerikan dollary) satyldy. Balygyň aşa gymmat bahadan satylmagynyň birnäçe sebäbi bar. Olaryň biri deňiz jandaryna islegiň ýokary hem-de sanynyň az bolmagy bilen baglydyr. Sebäbi tebigaty goramak maksady bilen bu balyklaryň az sanlysynyň tutulmagyna rugsat berilýär. Şeýle hem, adatça, müşderilerine deňiz önümlerinden taýýarlanan tagamlary hödürleýän dünýä belli restoranlar tarapyndan satyn alynýar. Bu bolsa, tunes balyklarynyň meşhurlygyny artdyrýar.**

**Ýaponiýa balyk we beýleki deňiz önümlerini sarp etmekde dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär.**

**Ogulgerek IŞANGULYÝEWA,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.***

## BIR HEPDEDE 148 uçar sargyt edildi

Soňky ýyllarda Hytaýyň awiakompaniýalary «Airbus» kompaniýasyndan has köp uçar sargyt edýärler. Bir hepdäniň dowamynda hytaý awiakompaniýalary Ýewropanyň uçar öndürijisi bilen jemi bahasy 22 milliard ýewro golaý şertnama gol çekdiler. Iň köp uçary «Air China» kompaniýasy sargyt etdi. Umumy bahasy 9,5



milliard ýewro barabar bolan şertnama görä, «Air China» 60 sany «A320neo» uçaryny alar. Täze uçarlar 2028-2032-nji ýyllar aralygynda taýýar ediler. «A320neo» uçarlary ygtybarlylygy bilen tapawutlanýar. «Spring Airlines» kompaniýasy 30, «China Aircraft Leasing» 30, «Juneyao Airlines» 25, «China Express Airlines» 3 sany uçar sargyt etdi.

«Airbus» kompaniýasy 2008-nji ýylda Hytaýyň Týanszin şäherinde ilkinji bilelikdäki önümçilik desgasyny açypdy. Bu desga «Airbus»-yň Ýewropanyň daşyndaky ilkinji zawodydy. Geçen ýyl bu şäherde uçar ýygnaýan ikinji önümçilik desgasy işe girizilipdi.

**Pürli PÜRLIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## GYŞ PASLYNY sagdyn geçiriň!

Gyş pasly howanyň sowamagy, günüň gysgalmagy we adamlaryň köplenç ýapyk ýerlerde bolmagy bilen häsiýetlenýär. Bu ýagdaýlar wirusly keselleriň, aýratyn-da dümewiň we sowuklama bilen bagly ýokançlyklaryň ýaýramagyna getirýär. Şonuň üçin gyşda saglygyňy goramak aýratyn ähmiýete eýedir.

Sowuk howa bedeniň goranyş ulgamyny gowşadyp biler. Gün şöhlesiniň azalmagy D witamininiň derejesiniň peselmegine getirýär, bu bolsa immun ulgamynyň işine täsir edýär. Mundan başga-da, ýapyk ýerlerde köp adam bilen bile bolmak wiruslaryň tiz ýaýramagyna sebäp bolýar.



Bedeniň goranyş ulgamyny güýçlendirmek üçin witaminlere we minerallara baý iýmitleri iýmeli. Miweler, gök önümler, balyk, hoz, süýt önümleri immuniteti berkidýär. Eli ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwmak, ýüzüňe el degirmezlik we üsgürilende agzyňy ýapmak wiruslaryň ýaýramagynyň öňüni alýar.

Yzygiderli fiziki işjeňlik gan aýlanyşyny gowulandyrýar we bedeniň goranyş ukybyny artdyrýar. Gyşda öýde ýa-da açyk howada ýeňil maşklary etmek peýdalydyr. Her gün 7–8 sagat ukyňy almak immun ulgamynyň kadaly işlemegi üçin möhümdir. Öýde ýa-da iş ýerinde howany ýygy-ýygydan çalşyp durmak wiruslaryň ýygnanmagynyň öňüni alýar.

Gyş paslynyň dowam edýän günlerinde, paslyň talaplaryna laýyk geýinmeli. Daşaryk çykanyňyzda bedeniňizi ýyly saklaýan egin-eşikleri geýinmeli. Bedeniňiziň dem almagy üçin özüňize rahat egin-eşikleri saýlamaly. Aýagyňyzy gysýan aýakgap geýmeli däl. Çünki şeýle aýakgaplar siziň gan aýlanyşyňyzyň kadasyny bozar.

Gyş paslynda burnuňyzdan dem almaly. Burun geçelgelerinden geçýän howa bokurdaga barýança gyzýar, bu bolsa bokurdakda döräp biljek keselleriň öňüni alýar.

Dogry durmuş ýörelgeleri, arassaçylyk düzgünleri we sagdyn iýmitlenmek arkaly wiruslardan goranmak mümkindir.

Saglygymyza jogapkärçilik bilen çemeleşmek gyş paslyny sagdyn geçirmegiň esasy şerti bolup durýar.

**Döwletmyrat DÖWLETOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mikrobiologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

## BEDEWLER BARADA gyzykly maglumatlar

Mälim bolşy ýaly, üstümizdäki ýyl Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Türkmen halkynyň durmuşynda bedew aýratyn orna eýedir. Şunuň bilen baglylykda, bedewler barada käbir gyzykly maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.

- Bedewler süňkleri we myşsalaryndaky aýratyn mehanizm sebäpli dört aýagynda durup uklaýarlar.



- Atlar iň akylly jandarlaryň biri bolup, adamlary hem-de wakalary köp wagtlap ýatda saklap bilýärler.
- Beýleki jandarlardan tapawutlylykda, atlaryň gözleriniň kellesiniň gapdallarynda ýerleşmegi sebäpli iki dürli ugry görüp bilýärler.
- Bedewler agyz bilen däl-de, diňe burun arkaly dem alýarlar, bu bolsa uzak aralyklara çapýarka energiýany tygşytlamaga kömek edýär.
- Bedewler öz-özüni bejermegiň özboluşly ukybyna eýe bolup, ýaralaryny ýalap, bejergini tizleşdirip bilýärler.
- Atlar bir günde 25 litre çenli der çykaryp bilýärler, bu bolsa yssy howada salkynlamaga kömek edýär.
- Atlar duýgularyny we ýagdaýlaryny bildirmek üçin gulaklaryny ulanýarlar. Meselem, yza öwrülen gulaklary bilen gahar-gazaby ýa-da gorkusyny görkezýärler.
- Atlaryň ys alyş ukyby örän ýokarydyr.
- Bedewler aşak sallanan guýrugy bilen ýadawlygyny ýa-da birahat bolýandygyny aňladýarlar.
- Atlar gysga aralyklarda sagatda 88 kilometr tizlik bilen çapýarlar, emma uzak aralyklarda köplenç sagatda 48 kilometr tizlik bilen çapýarlar.
- Atlaryň 200-den gowrak dürli reňkleri we reňk utgaşmalary bar.
- Dünýäniň köp ýurdunda at çapyşyklary geçirilýär, olar iň meşhur sport görnüşleridir.
- Bedewler duýgularyny diňe sesleri arkaly däl, eýsem, hereketleri arkaly hem bildirýärler. Meselem, başyny aşak sallap we biri-biriniň üstüne öň aýaklaryny goýup ýadawlygyny görkezip bilýärler.
- At uklanda deňagramlylygy saklamak we ýykylmazlyk üçin kellesini ýere goýup ýatýar.
- Bedewler biri-birini ys we ses arkaly tanap bilýärler, hatda beýleki atlary sesine görä tapawutlandyryp hem bilýärler.
- Atlara dürli buýruklary berip, päsgelçiliklerden bökmek ýa-da tans etmek ýaly tilsimleri ýerine ýetirmegi öwredip bolýar.
- Atlar şatlyk, gam-gussa, gorky we hatda söýgi ýaly duýgulary başdan geçirip bilýärler.

**Serdar ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## BATAREÝALY OTLY IŞE BAŞLADY

Awstraliýanyň Pilbara sebiti baý demir ýataklaryna eýe. Bu ýerde iş alyp barýan «Fortescue» kompaniýasy dizel ýangyjy bilen işleýän lokomotiwlerini has arassa energiýa çeşmeleri bilen işletmegi maksat edinýär. Ýakynda kompaniýanyň batareýa bilen işleýän ilkinji lokomotiwlerinden peýdalanylyp başlandy. Bu tehnologiýa otlyny elektrik energiýasy bilen işletmek üçin müňlerçe kilometre ýetýän howa elektrik geçirijilerini gurmaga bolan zerurlygy aradan aýyrýar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, howa goýberilýän hapa gazlaryň öňüni alýar.



«Progress Rail» kompaniýasy tarapyndan öndürilen täze lokomotiwleriň her biriniň batareýasy 14,5 MW/sagat möçberinde elektrik energiýasyny saklamaga ukyply. Bu bolsa aşa köp mukdardaky ýüki uzak aralyga äkitmäge ýetýär. Bu tehnologiýanyň esasy aýratynlygy bolsa, regeneratiw, ýagny otly beýikden pese ýörände elektrik energiýasyny öndürip bilmegidir. Şeýlelikde, ýylda millionlarça litr nebit ýangyjy tygşytlanýar. Şeýle hem batareýalara gysga wagtda zarýad berip, amallaryň üznüksizligini üpjün edip bolýar. «Fortescue» kompaniýasy otlulara zarýad bermek üçin dolulygyna arassa çeşmelerden elektrik energiýasyny öndürýän beket gurupdyr.

Mundan ozal bu ýerde iş alyp barýan BHP kompaniýasy hem şeýle otlyny işe girizipdir.

**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## DIL ÖWRENMEGIŇ artykmaçlyklary

Bilim ulgamy döwletiň durmuş-ykdysady, medeni we intellektual ösüşini üpjün edýän esasy ugurlaryň biridir. Dil öwrenmek bolsa bilim ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup, şahsyýetiň jemgyýete doly gatnaşmagyny, hünär taýýarlygyny we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün edýär.



Bilim ulgamynda dil öwrenmegiň çäklerinde okuwçylaryň döwlet dilini talabalaýyk derejede özleşdirmegini üpjün etmek, daşary ýurt dillerini öwretmek arkaly halkara aragatnaşyk mümkinçiliklerini giňeltmek, okuwçylarda pikirleniş medeniýetini, sözleýiş başarnyklaryny we ýazmak endiklerini ösdürmek, milli we umumadamzat gymmatlyklaryna hormat goýmak ruhunda terbiýe bermek babatda degişli işler ýola goýuldy.

Dil öwrenmegiň amaly we nazary esaslarynyň çäklerinde dil öwrenmek işi pedagogika, lingwistika we psihologiýa ylymlarynyň gazananlaryna esaslanmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, amal bilen tejribäniň sazlaşygy emele getirilýär. Dil öwrenmek diňe grammatik bilimleri bermek bilen çäklenmän, diliň gündelik durmuşda we hünär işinde netijeli ulanylmagyny üpjün edýär.

Bilim ulgamynda dil öwrenmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen sanly tehnologiýalar, elektron okuw serişdeleri we multimediýa mümkinçilikleri giňden ulanylýar. Bu serişdeler okuwçylaryň özbaşdak öwrenmek ukybyny ösdürmäge hem-de okuw prosesiniň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Bilim ulgamynda dil öwrenmek döwletiň bilim syýasatynyň möhüm bölegidir. Ylmy taýdan esaslandyrylan, meýilnamaly alnyp barylýan dil öwrenmek işi jemgyýetiň bilim derejesiniň ýokarlanmagyna, ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly şahsyýet hökmünde kemala gelmegine we döwletiň durnukly ösüşine hyzmat edýär.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## BANK ULGAMYNDA sanly hyzmatlar giňeldilýär

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň depginli ösüşine eýerilip, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýeňilleşdirjek, döwlet dolandyryşyny kadaly alyp barmaga ýardam berjek çözgütleri tapmak babatda giň gerimli işler amala aşyrylýar.



Tehnologiýalaryň ösüşini seljerýän bilermenler XXI asyryň üçünji onýyllygyny sanly geçişiň döwri, ähli tehnologik ösüşleriň sepgidi hasaplaýarlar. Häzirki wagtda geljegiň tehnologiýalarynyň binýady goýulýar, köpugurly we kämil sanly ekoulgamlar döredilýär. Indi maglumat tehnologiýalary ulgamynyň ösüşiň esasy hereketlendirijisine öwrülmegi bilen, ykdysadyýetiň kuwwaty sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleri bilen kesgitlenilýär.

Bank ulgamy döwletiň maliýe durnuklylygynyň esasy ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Döwlet derejesinde sanly hyzmatlaryň ösüşi banklaryň netijeliligini we jemgyýetçilik hyzmatynyň hilini ýokarlandyrmak üçin möhüm şertdir. Bu işiň esasy ugurlarynyň biri nagt däl tölegleri giňeltmekdir.

Bank kartlary esasy töleg guraly hökmünde işjeň ulanylýar, döwrebap bankomatlar we töleg terminallary döwlet edaralarynda we söwda merkezlerinde oturdylýar, aýlyk haklary, durmuş kömek pullary elektron kartlara geçirilýär. Ýurdumyzda banklar müşderiler üçin bir «Altyn asyr» bank kartyndan başga bir «Altyn asyr» bank kartyna pul geçirimlerini amala aşyrmak hyzmatyny elýeterli etdiler. Bu hyzmatdan peýdalanmak bilen, bankyň müşderileri bankomatlaryň, «Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» hyzmatlarynyň üsti bilen birek-biregiň «Altyn asyr» bank kartyna bir aýyň dowamynda 1000 (bir müň) manatdan ýokary bolmadyk möçberde pul geçirip bilýärler. Kartdan karta pul geçirmek zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda degişli görnüşdäki bank kartlaryny ulanýan raýatlar mobil goşundydan peýdalanyp, smartfonlary arkaly islendik ýerde onlaýn görnüşde pul geçirimlerini ýerine ýetirip bilýärler.

**Annajemal ARSLANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## ÝANGYNDAN ÄGÄ BOLUŇ!

***Ýangynlaryň aglabasy adamlaryň ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini bozýandyklary zerarly ýüze çykýar. Döräp biljek ýangynyň öňüni almak üçin ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek zerur bolup durýar. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ýangyn howpsuzlygy gullugy ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini dogry berjaý etmek we ýangyn hadysasy ýüze çykanda onuň garşysyna göreşmek üçin şulary maslahat berýär.***




Ýaşaýyş jaýlarynda ýyladyjy we gyzdyryjy enjamlary ulanmazdan öň olaryň tüsseçykarlaryny gurumlardan arassalamaly. Gaz bilen işleýän ýyladyjy enjamlar ulanylanda, gaz enjamlaryny ýerzemin otaglarynda ornaşdyrmak, çalşyrmak, bejeriş-abatlaýyş işlerini geçirmek, gaz enjamlarynyň howpsuzlyk we sazlaýjy ulgamlaryny özbaşdak aýyrmak, gaz enjamlaryny işläp duran wagtynda gözegçiliksiz galdyrmak, gaz enjamlarynyň ulanyş düzgünlerini bilmeýän adamlara gaz enjamlaryndan peýdalanmaga rugsat bermek, gaz enjamlary gurnalan otaglarda ýatmak, dynç almak, şeýle-de gaz syzmalaryny ýüze çykarmak üçin açyk ody ulanmak (gazyň syzmaklygyny diňe sabynyň köpürjigi bilen anyklamak bolar), ýanyp duran gaz enjamynyň töwereginde ýanyp biljek zatlary guratmak, ýanyp duran gaza suwuklygyň dökülmegine ýol bermek hem-de çagalara ot bilen baglanyşykly ýumuşlary buýurmak gadagan edilýär.

Ýangynyň islendik görnüşi ýüze çykanda ýa-da tüssäniň ysy duýlanda, telefon arkaly 01, el telefonyndan 001 belgä jaň edip habar bermeli. Öz güýjüňiz bilen ilkinji ýangyn söndüriji serişdeleriniň ýa-da suwuň, çägäniň, gumuň, keçäniň, syk dokalan matanyň kömegi bilen ýüze çykan ýangyny söndürmäge synanyşmaly. Ýüze çykan ýangyny öz güýjüňiz bilen söndürmek başartmasa, onda haýal etmän öýden çykmaly. Öýden çykanyňyzda gapyny gulplaman, berk ýapmaly, lifti ulanmaly däl. Öýüň elektrik toguny we gaz akdyryjysyny öçürmeli. Öýde dörän ýangyna howa baryp, güýjemezligi üçin penjireleri döwmek, gapyny açyp goýmak bolmaýar. Ýangyn söndüriji topary garşylamak we ýangynyň dörän ýerine iň amatly ýol bilen alyp gelmek üçin bir adamy ugratmaly. Elektrik togy bilen işleýän enjamlarda ýangyn dörände, haýal etmän elektrik birikdirijisini aýyrmaly ýa-da umumy elektrik toguny öçürmeli we şondan soň dörän ýangyny söndürmäge girişmeli.

Ýurdumyzyň her bir ýaşaýjysy ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Janymyza, saglygymyza, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz otdan seresap bolalyň.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

## DÜNÝÄNIŇ ILATY 8,2 milliarddan geçdi

Birleşen Milletler Guramasynyň ýaýradan maglumatlarynyň seljerilmegi netijesindäki çaklamalara görä, geçen ýyl dünýäniň ilaty 8,2 milliard adamdan geçdi. Ýer ýüzüniň ilaty 1998-nji ýylda 6 milliard, 2010-njy ýylda 7 milliard, 2022-nji ýylda 8 milliard sepgide ýetipdi. «Worldometer» statistika platformasynyň çaklamasyna görä, dünýäniň ilatynyň 59 göterimi Aziýada, 19 göterimi Afrikada, 9 göterimi Ýewropada, 8 göterimi Latyn Amerikasy we Karib sebiti ýurtlarynda, 5 göterimi Demirgazyk Amerikada ýaşaýar. Ilatyň 2037-nji ýylda 9 milliarda, 2060-njy ýylda 10 milliarda ýetmegine garaşylýar.



Dünýäde ilaty 100 milliondan geçen 16 ýurt bar. Hytaý bilen Hindistan bolsa ilaty milliarddan geçen ýurtlar hasaplanýar. Bu iki ýurt dünýä ilatynyň ýarysyna golaýyny emele getirýär. Ilaty 200 milliondan geçen bäş ýurt bar: ABŞ (347 million), Indoneziýa (285 million), Pakistan (255 million), Nigeriýa (237 million) we Braziliýa (212 million).

Ýewropada ilaty 100 milliondan geçen ýurt ýok. Sebitiň iň köp ilatly ýurdy Germaniýanyň 85 million töweregi ýaşaýjysy bar.

Geçen ýyl Indoneziýanyň paýtagty Jakarta (42 million) dünýäniň iň köp ilatly şäheri adyna eýe boldy. Ilaty 37 milliona ýeten Dakka (Bangladeş) ikinji ýeri eýeledi. Mundan ozal dünýäniň iň köp ilatly şäheri hasaplanan Ýaponiýanyň paýtagty Tokio (33 million) üçünji orna düşdi.

**Rüstem MÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň başlygy.*

## ÝYLYŇ IŇ GOWY howa menzili

Her ýylda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlykda gowşurylýan «Prix Versailles» binagärlik baýraklarynyň eýeleri mälim edildi. Emin agzalary tarapyndan geçen ýylyň iň gowy aeroporty baýragyna Hytaýyň Ýantaý Penlaý Halkara howa menzili mynasyp boldy. Bu baýraklar 2015-nji ýyldan bäri berilýär. Bu sanawda köp ýyldan bäri Singapuryň Çangi aeroporty birinji bolup gelýärdi. Bu gezek birinjilik baýragyna mynasyp bolan Ýantaý Penlaý howa menzilinde täze açylan «Terminal 2» binasy owadan dizaýny, daşky gurşawa zyýansyz gurluşy, ýerli medeniýeti we tebigaty birleşdirmegi netijesinde emin agzalarynyň ýokary bahasyna mynasyp bolupdyr. 2024-nji ýylda ulanmaga berlen terminal şäheriň dag manzaryny şöhlelendirýär. Ikinji ýeri Fransiýanyň Marsel Prowens howa menzili (Terminal 1) eýeledi. Terminalyň beýikligi 22 metre ýetýän äpet aýna diwarlary daşarynyň şöhlesini geçirip, içerde tebigy ýagtylygy emele getirýär. Üçünji ýeri Fransiýanyň Reýunýon adasynyň Rolan Garros aeroporty eýeleýär. Madagaskar adasynyň gündogarynda, Hindi ummanyndaky adada ýerleşýän howa menziliniň gelýän ýolagçylar terminaly daşky gurşaw üçin zyýansyz infrastrukturasy bilen tapawutlanýar. Bulardan başga-da, sanawa Ýaponiýanyň Osaka Kansaý, ABŞ-nyň Portlend hem-de San-Fransisko Halkara howa menzilleri girizilipdir. «Prix Versailles» baýraklary bilen ýokary okuw mekdepleriniň şäherjikleri, stadionlar, muzeýler, myhmanhanalar we restoranlar hem sylaglanýar. Ýeňijilere baýraklar ÝUNESKO-nyň Parižďäki ştab-kwartirasynda gowşurylýar.



**Mergen KULMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 9-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117885

Belgisi: 2/1672
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Şasenem galasy

2025-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy we şu Strategiýany tassyklamak hakyndaky» Karara gol çekdi. Bu taryhy Kararda türkmen halkynyň milli medeni mirasyny, maddy we maddy däl döredijilik gymmatlyklaryň gadymy nusgalaryny we ugurlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýaýmagy işjeňleşdirmegiň ýörelgeleri giňden bellenildi. Mähriban Watanymyzda adamzadyň watançylyk, ahlak talaplaryny we bähbitlerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen, durmuş-medeni, taryhy, arheologik, binagärçilik taýdan gymmatlyk bolup durýan, türkmen halkynyň milli-medeni özboluşlylygyny saklamak we ösdürmek üçin ähmiýetli bolan maddy we ruhy gymmatlyklaryň, çeperçilik sungat baýlyklarynyň ýüzlerçesi bar. Şolaryň biri hem Şasenem galasydyr. Köpburçluk görnüşinde bina edilen gala Ruhubelent etrabynyň merkezinden 25 kilometr günorta-gündogarda, Tünüderýa geňeşliginiň çäginde ýerleşýär. Galanyň umumy meýdany 33 gektara barabar bolup, ony Ibn al-Esir, Ýakut Hamawy ýaly orta asyr alymlary özleriniň ýazgylarynda Beýik Ýüpek ýolunyň Köneürgenç menziliniň soňky nokady Suwburun hökmünde görkezipdirler.



Geçmişde galanyň töwereginden geçen derýanyň köne akymynyň yzlary saklanyp galypdyr. Bu günki galanyň diwarlarynyň uzynlygy 1,5 kilometre, beýikligi 9 metre ýetýän görnüşinde saklanyp galypdyr. Galanyň medeni gatlaklarynyň ilkinji döwürleri Kangýuý, Kuşanlar döwürleri bilen senelenýär. Galada dürli ýyllarda S.P.Tolstow, H.Ýusubow, A.Ýazberdiýew, B.A.Rybakowa, M.Durdyýew, S.Atanyýazow, A.A.Hakimow, M.Mämmedow, O.Berdiýew, S.B.Bolelow, M.A.Itina ýaly alymlar gazuw-agtaryş işlerini geçiripdirler. Galada 4 sany toplumyň hünärmentçilik, suwaryş desgalarynyň, baglaryň, gadymy ekerançylyk medeniýetiniň galyndylarynyň yzlary aýdyň saklanyp galypdyr. Galanyň gurluşygynda 5 dürli kerpiç önümleri ulanylypdyr. 1952-nji ýylda S.P.Tolstowyň ýolbaşçylygyndaky ylmy ekspedisiýa galany ilkinji gezek düýpli öwrenipdir. Şasenem galasy b.e. öňki III asyrdan biziň eýýamymyzyň XIV asyryna çenli aralykda has-da şöhratlanypdyr. Asyrlaryň köp sanly synaglaryny başdan geçiren Şasenem galasy sebitde burran gylyçlary ýasamak, göwrüm, wagt, agyrlyk, uzynlyk ölçegleriniň çarwa hasaplary, atabegler mekdebiniň terbiýesi, aşhana esbaplaryny, gamyşdan ýüwüş galamlaryny, galbir, galkan, saz gurallaryny, dürli ululykdaky tamdyrlary, ojaklary, boýra (ösümliklerden düşek örmek), urulary, sandyklary, dürli süýümlerden işilip edilýän urganlary ýasamak, gelleban (dürli mallaryň sürülerini garyp bakmak bilen bagly çopançylyk hünäri), burgunlary böwetlemek, sarwançylyk, mergenlik amallarynyň, bagbançylyk, guşlary awçylyk maksatlary üçin eldekileşdirmek, zergärçilik, seçgiçilik, tebipçilik, goşuny wezipe birliklerinde dolandyrmak senedi boýunça önümçiligiň ýüze çykan, harytlaryň alyslara ugradylan merkezleriň biri hasap edilipdir.

Birnäçe ýyl mundan ozal Şasenem düzlüginde ýer serişdelerini rejeli peýdalanmak, ýokary hasyl almak boýunça döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, ýer gorunyň möçberlerini giňeltmek maksady bilen, täze ilatly nokatlar, daýhan birleşikleri we geňeşlikler döredildi.

2017-nji ýylda Türkmenistanyň orta asyr arheologiýa we arhitektura ýadygärlikleriniň elektron kartasy tassyklandy. Onda iň ähmiýetli, taryhy miraslaryň sanawynda aýratyn gymmatly milli hazynalaryň naýbaşylarynyň biri hökmünde Şasenem galasy hem orun alýar.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# Sebitara hyzmatdaşlygyň täze nusgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu hyzmatdaşlyk meýdançasyna Azerbaýjan Respublikasynyň hem doly hukukly goşulmagy sebit hyzmatdaşlygynyň täze nusgasyny emele getirdi.

Konsultatiw duşuşyklaryň baş maksady sebitde «özara ynam» we «goňşuçylyk» ýörelgelerini berkitmekdir. Bu duşuşyklar sebit ýurtlarynyň ähli ugurlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga giň mümkinçilikler döredýär.

2026-njy ýylda ýurdumyz bu konsultatiw duşuşyga başlyklyk eder. Bu barada degişli çözgüt geçen ýyl Özbegistanda geçirilen duşuşykda kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň şol duşuşykda belläp geçişi ýaly, Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda başlyklygy kabul etmek bilen, biziň agzybirligimizi we jebisligimizi pugtalandyrmak, ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmek, sebitiň daşarky maýa goýumlar we energetika, ulag, kommunikasiýa hem-de beýleki ulgamlarda iri halkara taslamalary üçin özüneçekijiligini artdyrmak üçin ähli tagallalary eder.

Şunuň bilen baglylykda, bu konsultatiw duşuşyklary sebitara söwda dolanyşygyny artdyrmak, gümrük amallaryny ýönekeýleşdirmek we bilelikde iri senagat taslamalaryny durmuşa geçirmek, «Demirgazyk-Günorta» we «Gündogar-Günbatar» ugurlary boýunça täze ulag geçelgelerini döretmek arkaly Merkezi Aziýany dünýä ykdysadyýetiniň möhüm merkezine öwürmek, suw-energetika serişdelerini netijeli ulanmak we Aral deňzi ýaly ekologik meselelerde bir bitewi garaýyşlary arkaly çykyş etmek bilen möhüm ähmiýete eýedir.



Ýurdumyz bu formatyň çäklerinde işjeň we oňyn bitaraplyk syýasatyny ýöredýär. Türkmenistanyň öňe süren başlangyçlary, esasan hem, energetika howpsuzlygy, ekologik diplomatiýa we Hazar deňzi bilen gatnaşygy berkitmek meseleleri sebit ösüşiniň binýadyny düzýär. 2021-nji ýylda Awazada geçirilen sammit hem sebit ýurtlarynyň diňe bir syýasy däl, eýsem, ykdysady taýdan hem uly mümkinçilikleriniň bardygyny dünýä jemgyýetçiligine görkezdi.

Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklary sebitiň «öz ykbalyny özi kesgitlemäge» ukyplydygynyň subutnamasydyr. Bu duşuşyklar arkaly Merkezi Aziýa global meselelerde bitewi ses bolup çykyş edýär, bu bolsa halkara giňişliginde sebitiň abraýyny has-da ýokarlandyrýar.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň medeniýet we metbugat bölüminiň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# «Galkynyş» gaz käni ýurdumyzyň energetika kuwwatyny berkidýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
«Türkmengaz» döwlet konserniniň «Marygazçykaryş» müdirliginiň buýurmasy esasynda «Türkmengazburawlaýyş» müdirligi tarapyndan Galkynyş känini özleşdirmegiň birinji tapgyrynyň çäginde 110 belgili ulanyş guýusy 4180 metr çuňluga burawlandy. Şunda degişli gatlagyň 4149–4015 metr açyk sütün aralygynda synag işleri geçirilende bir gije-gündizde senagat taýdan 2 million kub metrden gowrak tebigy gazyň akymy alyndy.

Ýurdumyzda täze ýataklaryň gözlenilmegi we özleşdirilmegi netijesinde nebitiň we tebigy gazyň goşmaça möçberleri çykarylýar. Munuň özi ýangyç-energetika toplumynyň ähli düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli berkidilýändiginiň, önümçilige häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň we täzeçil tehnologiýalaryň ornaşdyrylýandygynyň aýdyň netijesidir.

Şunuň bilen baglylykda, «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan tebigy gazyň we gaz kondensatynyň goşmaça möçberlerini çykarmak, «Galkynyş» gaz känini yzygiderli özleşdirmek ugrunda alnyp barylýan işler ýurdumyzda bu ugry ösdürmek, toplumyň eksport mümkinçiliklerini we önümçilik kuwwatyny artdyrmak boýunça ýaýbaňlandyrylan giň möçberli işleriň oňyn netije berýändigini görkezýär.

«Galkynyş» gaz käniniň özleşdirilmegi toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, birnäçe möhüm tapgyrlardan ybaratdyr. Gaz känini özleşdirmegiň çäklerinde ýylda 30 milliard kub metr harytlyk gaz öndürmäge ukyply bolan ägirt uly zawodlar toplumy gurlup ulanmaga berildi. Bu taslama dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda amala aşyryldy.



Häzirki wagtda amala aşyrylýan bu tapgyr, esasan, gazyň uly möçberlerini Hytaý Halk Respublikasyna ibermäge gönükdirilendir. Bu ugurda täze guýulary burawlamak we gaz arassalaýjy desgalaryň kuwwatyny artdyrmak işleri dowam edýär.

Bu käni özleşdirmek strategik taýdan örän ähmiýetli bolup, ol Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisini çig mal bilen üpjün etmäge niýetlenendir.

«Galkynyş» käniniň yzygiderli özleşdirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin hem birnäçe artykmaçlyklary üpjün edýär. Ol türkmen tebigy gazynyň eskport mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna getirip, diňe bir Hytaý däl, eýsem, Günorta Aziýa we geljekde Ýewropa bazarlaryna çykmak üçin berk binýat döredilýär. Tebigy gazyň eksportyndan gelýän girdejileriň artmagy ýurdumyzyň ykdysady ösüşine goşant goşýar, dünýäde ygtybarly we iri energiýa üpjünçisi hökmünde ornuny berkidýär.

Galyberse-de, «Galkynyş» gaz käniniň yzygiderli özleşdirilmegi Türkmenistanyň energetika syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Bu ägirt uly taslama geljekde hem ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna we sebitde parahatçylygyň hem-de durnukly ösüşiň üpjün edilmegine hyzmat eder.

**Selbi ÇARYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Türkmenistan – behişdi bedewleriň mekany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň giň gerimli tagallalary netijesinde täze taryhy eýýamda ahalteke bedewi Türkmenistanyň esasy nyşanyna, döwürleriň we nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygynyň aýdyň alamatyna öwrüldi.

Ýurdumyzda halkymyzyň durmuşynda uly orun eýeläp, tebigy gözelligi bilen bütin dünýäni haýrana goýýan, türkmen halkynyň göz guwanjy, uçar ganaty bolan ahalteke bedewlerimize çäksiz sarpa goýulýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň milli gymmatlyklaryny gorap saklamak, olaryň ähmiýetini, jemgyýetimiziň durmuşyndaky ornuny giňden wagyz etmek hem-de döwrebap derejede dünýä giňişligine ýaýmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Türkmen halky ençeme maddy gymmatlyklary döreden, umumadamzat medeni hazynasyna uly goşant goşan halkdyr. Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň türkmen sungatynyň naýbaşy görnüşleriniň





biri hökmünde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi türkmen bedewleriniň dünýädäki at-abraýyny has-da şöhratlandyrdy.

Dünýä bedewleriniň naýbaşylarynyň biri hasaplanýan ahalteke bedewlerimiz halkymyzyň genji-hazynasy, göz-guwanjy, milli mirasy. Ata-babalarymyz geçmişde nähili şan-şöhrat gazanan bolsalar, olaryň ählisinde ahalteke bedewleriniň hem goşandy uludyr. Şonuň üçin hem ynsan häsiýetli bedewler her bir ýigidiň ýakyn dosty, syrdaşy, toýda-jeňde ýoldaşy hasap edilipdir. Halkymyzyň bedew atyna goýýan hormaty ajaýyp döwrümizde ýene bir mertebe belende galdy. Muny Garaşsyzlyk ýyllarynda baharyň iň ajaýyp günleriniň biriniň Türkmen bedewiniň milli baýramyna bagyşlanmagy, atçylyk toplumlarynyň gurlup, olarda gadym döwürlerden bäri tohumy ýitirilmän gelýän ahalteke bedewlerimiziň idedilmegi ýaly işler hem görkezýär. Ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde atçylygyň we atly sportuň dürli ugurlary boýunça bu ugurdan ýaş hünärmenleri halkara derejede taýýarlamak, ahalteke bedewleriniň özboluşly aýratynlyklaryny, taryhyny, seýisçilik we tohumçylyk seçgi işlerini ylmy taýdan düýpli öwrenmek maksady bilen uly işler alnyp barylýar.

Türkmen bedewi çäksiz söýgä we hormata mynasypdyr. Bedew türkmen topragynda üstünlikli amala aşyrylýan özgerişlikleriň badyna bat goşýar. Halkymyza hemişe ýaran bolan behişti bedewlerimiz taryhda durnukly ösüşde hem-de öz ornuny berkitmekde derwaýys bolan iň gowy häsiýetleriň hem-de merdanalygyň nusgasy bolupdyr. Hut şonuň üçin hem bedewlerimizi ösüşiň hem-de bagtyň alamaty diýip hasap edýäris.

Goý, türkmen bedewleriniň bagtyň owazyna meňzeş kişňemesi toý-baýramlarymyzda hemişe ýaňlanyp dursun! Watanymyzy ösüşlerden-ösüşlere alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri rowaç bolsun!

**Mergen BERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# EDEBIÝAT

**Hytaýda ähli onlaýn edebiýat okyjylarynyň, takmynan, ýarysy 26-dan 45 ýaş aralygyndakylardan ybarat bolup, bu görkezijiniň ösmegine, esasan, 2000-nji ýyldan soň doglanlar uly täsir edýär.**

## RUSSIÝADA iň köp okalýan kitaplar

Russiýada iň ähmiýetli hasaplanýan we ýygy okalýan kitaplaryň sanawynda mukaddes Kuran hem bar. «Russian Field» barlag merkeziniň maglumatlaryna görä, 30 ýaşdan kiçi bolan russiýaly raýatlar üçin iň ähmiýetli kitap Jorj Oruelliň «1984» romany boldy.




Sowallara jogap beren ýaşlar iň wajyp eserleriň hatarynda Lew Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» romanyny, Garri Potter baradaky kitaplar toplumyny, Iwan Turgenewiň «Atalar we ogullar» eserini, Injili we Konstitusiýany hem agzadylar.

Ähli ýaş toparlaryny öz içine alýan umumy sanawda birinji orny «Uruş we parahatçylyk» romany eýeledi. Ondan soňra Nikolaý Ostrowskiniň «Polat nädip taplandy» we Mihail Bulgakowyň «Ussat we Margarita» eserleri gelýär. Aleksandr Solženisyniň «GULAG arhipelagy» eseri sanawyň 15-nji ornunda ýerleşen bolsa, mukaddes Gurhan 17-nji orunda ýerleşdi.

## ANNA FRANKYŇ öýüne 3D syýahat

Amsterdamdaky Anna Frankyň öý-muzeýi we «EyeSpy 360» kompaniýasy täze 3D wirtual syýahatyny hödürleýär. Bu 3D wirtual syýahatda britaniýaly



teleýaýlym alypbaryjysy Reýçel Raýliniň emeli aň tarapyndan döredilen awatary ýol görkeziji (gid) bolup hyzmat edýär.

Muzeýiň gymmatlyklar we tanyşdyryş bölüminiň ýolbaşçysy Tom Brinkiniň aýtmagyna görä, Anna Frankyň öýüne baryp görmek adamlarda güýçli duýgy döredýär, 3D syýahat bolsa goşmaça öwreniş tejribesini berýär.

Wirtual gezelenç dünýäniň ähli künjegindäki ulanyjylara Anna Frankyň we onuň maşgalasynyň 1942-nji ýylyň iýunyndan 1944-nji ýylyň awgustyna çenli ýaşan ýerine baryp görmäge mümkinçilik berýär. Şol wagtyň dowamynda Anna dünýäniň iň meşhur gündelikleriniň birine öwrülen ýazgylaryny ýöredipdir. Ol gündeligindäki iň soňky ýazgysyny tussag edilmezinden birnäçe gün öň ýazypdyr. Anna 1945-nji ýylyň martynda 15 ýaşynda garahassalykdan aradan çykýar.

**Aýjeren ABDYLLAÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*

## EDEBI ESERLERI onlaýn okaýanlaryň sany artýar

Hytaýda edebi eserleri onlaýn okaýanlaryň sany 575 million adama çenli ýokarlanyp, ýurduň medeni giňişliginde sanly kitaplary okaýanlaryň agdyklyk edýän derejesini has-da berkitdi. Ähli onlaýn edebiýat okyjylarynyň, takmynan, ýarysy 26-dan 45 ýaş aralygyndakylardan ybarat bolup, bu görkezijiniň ösmegine, esasan, 2000-nji ýyldan soň doglanlar uly täsir edýär. Olar ýurt boýunça edebi eserleri onlaýn okaýanlaryň umumy sanynyň, takmynan, dörtden bir bölegini emele getirýär. Bu barada Hytaýyň Ýazyjylar birleşmesi tarapyndan «Hytaýyň onlaýn edebiýaty baradaky gök kitap» hasabatynda bellenilýär.

Hytaýyň 50 sany öňdebaryjy onlaýn edebiýat platformasynyň maglumatlaryna esaslanýan hasabatda, bu pudagyň girdejisiniň, soňky wagtlar, takmynan, 44 milliard ýuana (6,1 milliard ABŞ dollaryna) ýetendigi hasaplanyldy. Şol



sanda Hytaýyň onlaýn edebiýat katalogy 35 milliondan gowrak eseri öz içine aldy. Şol sanda ýene-de millionlap täze eserler bu kataloga goşulýar.

Hakyky durmuş ýörelgeleri (realizm), ylmy-fantastik we taryhy edebi eserler ýaly dürli žanrlardaky ýokary hilli onlaýn kitaplaryň peýda bolmagy dowam edýär we olar häzirki zaman hytaý edebiýatyny has-da baýlaşdyrýar. Ylmy-fantastik žanry aýratyn tapawutlanýar; soňky wagtda 180 müň sany täze ylmy-fantastik eser neşir edildi. Bu žanr barha giň gerim alyp, medeniýetiň esasy akymyna (meýnstrime) has ýakynlaşýar.

Döredijilik göterilişi köp babatda ýaş ýazyjylaryň täze nesliniň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Soňky wagtlar onlaýn platformalarda 3 milliona golaý awtor hasaba alyndy, olaryň 350 müňüsi professional şertnamalara gol çekdi. Şol awtorlaryň 40 göterime golaýy «Z nesline» degişlidir.

## ON BIR GEZEK Nobel baýragyna hödürlenen ýazyjy

Rus we amerikan ýazyjysy, şahyry hem-de terjimeçisi Wladimir Nabokow (1899-1977) edebiýat boýunça Nobel baýragyna 11 gezek hödürlenipdir, ýöne her gezegem baýraga mynasyp görülmändir. Şwesiýanyň akademiýasy 50 ýyllap gizlin saklanýan arhiw resminamalaryny köpçülige ýetirdi. Bu maglumatlara görä, Nabokow iň soňky, ýagny 11-nji gezek 1975-nji ýylda baýraga hödürlenipdir.

50 ýyl mundan ozalky dalaşgärleriň sanawlarynda Nabokowyň dalaşgärliginiň ABŞ-nyň, Germaniýanyň we Niderlandlaryň uniwersitetlerinden bolan alty sany edebiýatçy tarapyndan teklip edilendigi bellenilýär.

Kaliforniýa uniwersitetiniň professory Robert Elter öz hödürnama hatynda şeýle ýazypdyr: «Ýigrimi töweregi romanyň, birnäçe goşgy we hekaýa ýygyndylarynyň awtory bolan Nabokow ýarym asyrdan gowrak wagtyň dowamynda häzirki zaman ýazyjylarynyň arasynda iň ajaýyp



eserler toplumyny döretdi. Bu topluma dört sany ajaýyp eser girýär: «Peşgeş» (Дар), «Jezalandyrylyşa çakylyk» (Приглашение на казнь), «Lolita» we «Öçügsi ot» (Бледный огонь). Onuň çäkli manydaky emigrant-ýazyjy däldigini aýratyn nygtasym gelýär; ol syýasy kesgitlemelerden ýokarda duran, hyýalyýetiň we sungatyň içerki gymmatlyklarynyň tarapdary bolup çykyş edýän ýazyjydyr. Şeýle-de men onuň döredijiliginiň çäkli estetikadan has giň çäkleri öz içine alýandygyny sözümiň üstüne goşýaryn: onuň prozasynyň düýbünde çuňňur ahlak akymy bar. Ol ynsanyň barha doňýürekleşýän dünýäde ynsan bolup galmak ugrundaky göreşini gaýta-gaýta beýan etdi».

Şeýle-de bolsa, şwed akademiýasynyň agzalary öz gelen kararlarynda üýtgewsiz galypdyrlar. 1973-nji ýylyň arhiw resminamalarynda: «Wladimir Nabokow: teklip ret edildi» diýlip bellenilipdir. Nabokow Nobel baýragyna 1963, 1964, 1965, 1966, 1968, 1969, 1970, 1971, 1973 we 1974-nji ýyllarda hem hödürlenipdi.

## Paýhaslar

☑ Kitap içimizdäki doňan deňzi döwmäge niýetlenen palta bolmalydyr.
***Frans Kafka.***

☑ Mundan ýigrimi ýyl soň, eden işleriňize dälde, etmedik işleriňize has köp gynanarsyňyz.
***Mark Twen.***

☑ Kynçylyklar adamy taplaýar, edil alawyň polady taplaýşy ýaly.
***Seneka.***

☑ Iň güýçli iki sany esger bar: Wagt we Sabyr.
***Lew Tolstoý.***

☑ Diňe bilmek ýeterlik däl, şol bilimi ulanmagy hem başarmaly. Diňe isleg ýeterlik däl, hereket hem etmeli.
***Gýote.***

☑ Öz göwnüňi götermegiň iň gowy ýoly, başga biriniň göwnüni götermekdir.
***Mark Twen.***

☑ Eger-de haýsydyr bir işiň düýbünde şahsy gyzyklanma ýok bolsa, ol iş berk bolmaz.
***Lew Tolstoý.***

☑ Üstünlik bu hyjuwyňy ýitirmän, bir şowsuzlykdan beýleki şowsuzlyga tarap ýöremekdir.
***Winston Çerçill.***

☑ Meseleleriň bardygyny boýun alsaňyz, olary çözmek aňsatlaşar.
***Galileo Galileý.***

☑ Gorkýan işiňizi ýerine ýetiriň, şonda gorkyňyz hökman öler.
***Ralf Waldo Emerson.***

☑ Göwnüçökgün adam şemalyň ýoklugyndan zeýrener, optimist üýtgeşmä garaşar, realist bolsa ýelkenlerini galdyrar.
***Uilýam Artur Ward.***

☑ Käte hiç wagt ýaşap görmedik durmuşlarymyň agramyndan süňklerimiň çatlaýan sesini eşidýärin.
***Jonatan Safran Foer.***

☑ Eger durmuşdan gaçsaň, hiç wagt asudalyk tapyp bilmersiň.
***Maýkl Kanningem.***

☑ Nirede söýgi bar bolsa, şol ýerde hem durmuş bardyr.
***Mahatma Gandi.***

☑ Biz nähili gorkunç ýa-da geň görünsek-de, özümiz bolup galmak üçin gaýrat tapmalydyrys.
***Meý Sarton.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Bolgariýa ýewro geçdi.** Bolgariýa 1-nji ýanwardan ýewrozolaga goşuldy we resmi taýdan döwlet walýutasy hökmünde bolgar lewinden ýüz öwrüp, ýewrony kabul etdi.



Bolgariýa ýewrozolaga girmek üçin ähli talaplary resmi taýdan ýerine ýetiren 21-nji ýurt boldy. Indi ýewrony pul birligi hökmünde ulanýan ýewropalylaryň sany 350 million adama ýeter. Häzirlikçe Bolgariýanyň paýtagty Sofiýanyň köçelerinde we dükanlarynda bahalar iki walýutada görkezilýär.

► **Küýzegärçilik ussahanasy tapyldy.** Arheologlar Yragyň demirgazyk sebitinde abat saklanyp galan 3 müň ýyllyk küýzegärçilik ussahanasyny ýüze çykardylar.



Bu tapyndy Ýakyn Gündogardaky külalçylyk önümçiligi, şäher durmuşy we jemgyýetçilik gurluşy baradaky gadymy maglumatlary öwrenmäge ýardam berýär. Germaniýanyň Tübingen uniwersitetiniň alymlarynyň aýtmagyna görä, ussahana, takmynan, biziň eýýamymyzdan öňki 1200–800-nji ýyllara degişlidir.

► **Ilat sany artýar.** 2025-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary aralygynda Gyrgyz Respublikasynyň ilatynyň sany 103,4 müň adam köpeldi.



Bu ösüş umumy ilat sanynyň 1,4 göterimine deň boldy. 2025-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli ýurduň ilatynyň sany 7 million 385 müňe ýetdi. 2025-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda ilatyň tebigy ösüşiniň iň ýokary derejesi Batken, Oş we Jelalabat welaýatlarynda, iň pes derejesi bolsa Bişkek şäherinde hasaba alyndy.

► **Agaçdan ýasalan welosipedli syýahat.** Efiopiýaly Kidus Tesera birmeňzeş durmuşdan daşlaşmak kararyna gelip, gaýtadan işlenilen materiallardan ýasalan agaç welosipedinde Beýik Britaniýa syýahata çykdy.



Onuň syýahaty Birleşen Patyşalygyň iň demirgazyk nokady bolan Jon-o'Groutsdan başlap, ýurduň günortasyna çenli dowam etdi. Ýagyş ýagmagy, ýel turmagy we ýolda iýmitlenmek ýaly kynçylyklara garamazdan, ýerli ilat oňa ýakyndan goldaw berdi.

► **Dünýäniň iň garry pişigi.** Beýik Britaniýada ýaşaýan Flossi atly pişik 30 ýaşyny doldurdy.



Adam ýaşy bilen hasaplananda, bu pişigiň ýaşy 140–150 ýyla barabardyr. Flossi 2022-nji ýylda resmi taýdan dünýäniň iň garry pişigi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilipdi. Garry pişigiň görşi we eşidişi peselen hem bolsa, entek işjeňligini saklaýar, hatda käwagt oýun oýnamagy-da gowy görýär.

► **Beýni implantlarynyň önümçiligine başlanar.** Amerikaly işewür Ilon Mask neýrotehnologiýalaryň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny mälim etdi.



2026-njy ýylda beýni implantlarynyň köpçülikleýin önümçiligine başlanar. Olary oturtmak amalyýeti bolsa doly awtomatlaşdyrylar. Işewür bu baradaky beýanaty özüniň jemgyýetçilik torunda mälim etdi. Bu enjam ilki bilen ysmazlykdan ejir çekýänlere we oňurga ýiliginden şikes alanlara niýetlenendir.

► **4,4 milliard adam şäherlerde ýaşaýar.** Dünýäde 4,4 milliarddan gowrak adam şäherlerde ýaşaýar. Bu barada Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) habarynda aýdylýar. Maglumatda dünýä ilatynyň 4,4 milliarddan gowragynyň köp gatly jaýlarda ýaşaýandygy we 2050-nji ýyla çenli bu görkezijiniň Ýer togalagynyň umumy ilatynyň, takmynan, 70 göterimine çenli ýokarlanmagyna garaşylýandygy bellenilýär.



## NÝU-ÝORKUŇ TÄZE HÄKIMI

ABŞ-nyň Demokratik partiýasynyň agzasy Zohran Mamdani Täze ýylyň ilkinji güni Nýu-Ýorkuň häkimi wezipesine resmi taýdan girişdi. Musulman bolan Mamdani ýurduň iň uly şäheriniň administrasiýasyna ýolbaşçylyk edip, Kurana elini goýup kasam eden ilkinji häkim boldy. Dabara Manhettende 1945-nji ýylda ýapylan «City Hall» metro bekedinde geçirildi. Dabara Mamdaniniň ýany bilen aýaly Rama Duwaji hem geldi.

34 ýaşly häkimiň kasamyny Nýu-Ýork ştatynyň baş prokurory Letisiýa Jeýms kabul etdi. Mamdaniniň wekilleri dabaranyň geçiriljek ýeriniň saýlanyp alynmagynyň häkimiň adaty zähmetkeş halk bilen öz baglanyşygyny görkezmek isleginden gelip çykýandygy bilen düşündirdiler. Mamdani häkim hökmünde eden ilkinji çykyşynda ulag departamentiniň täze komissary wezipesine Maýk Flini belländigini mälim etdi.

Dabaranyň jemleýji bölegi günüň ikinji ýarymynda Nýu-Ýorkuň häkimliginiň binasynyň öňünde boldy we ol ýerde täze häkimiň kasamyny Wermont ştatyndan garaşsyz senator Berni Sanders kabul etdi. Ol şäher ilatyna ýüzlenip, amerikalylaryň häzirki taryhy döwürde Mamdanini saýlandyklary üçin hoşallyk bildirdi.

Nýu-Ýorkuň 111-nji häkiminiň saýlawlary 4-nji noýabrda geçirildi. Demokratik partiýa we «Zähmetkeş maşgalalaryň partiýasy» ta-



rapyndan dalaşgär görkezilen Zohran Mamdani sesleriň 50,3 göterimini aldy. Ikinji orny 41,6% ses bilen garaşsyz dalaşgär Endrýu Kuomo eýeledi. Kuomo 2011-2021-nji ýyllarda Nýu-Ýorkuň häkimi bolupdy.

Mamdani şäher awtobuslarynda mugt gatnawy ýola goýmagy, mekdebe çenli bilim edaralarynda bilimiň tölegsiz bolmagyny we döwlete degişli azyk dükanlarynyň ulgamyny açmagy teklip etdi.

## Häzirki Prezident ýeňiş gazandy

Gwineýada 28-nji dekabrda geçirilen döwlet Baştutanynyň saýlawlarynda ýurduň häzirki geçiş döwrüniň Prezidenti, 45 ýaşly Mamadi Dumbuýa



ýeňiş gazandy. Bu barada Saýlawlar boýunça baş direksiýanyň ýolbaşçysy Jenab Ture mälim etdi. Ses berişligiň deslapky netijelerini yglan eden Jenab Ture Mamadi Dumbuýanyň sesleriň 86,72 göterimini alandygyny habar berdi. Saýlawlar boýunça baş direksiýanyň ýolbaşçysy saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň bolmajakdygyny belledi.

Prezidentlik wezipesi ugrunda jemi 9 dalaşgär bäsleşdi. Ýurduň Ýokary kazyýeti 4-nji ýanwarda Prezident saýlawlarynyň gutarnykly netijelerini tassyklady. Gwineýadaky saýlawlar sentýabr aýynda ählihalk sala salşygynda kabul edilen täze Konstitusiýanyň esasynda geçirildi. Esasy Kanun esasynda prezidentlik möhleti 5 ýyldan 7 ýyla çenli uzaldyldy. Şol bir wagtyň özünde, bir adamyň döwlet Baştutany wezipesinde diňe iki möhlet galyp biljekdigi baradaky kada saklanyp galdy. Prezident saýlawlaryndan soňra Gwineýada milli parlamente saýlawlaryň geçirilmegine garaşylýar.

Günbatar Afrikada ýerleşýän Gwineýa Respublikasy demirgazykda Senegal, demirgazykda we demirgazyk-gündogarda Mali, gündogarda Kot-d'Iwuar, günortada Liberiýa, günorta-günbatarda Sýerra-Leone, demirgazyk-günbatarda bolsa Gwineýa-Bisau bilen serhetleşýär. Günbatarda onuň kenarlaryny Atlantik ummany ýuwýar. 15 milliondan gowrak ilaty bolan Gwineýanyň paýtagty Konakri şäheridir.

## Ewerest dagy arassalanar

Golaýda Nepalyň häkimiýetleri Ewerest dagyny arassalamak boýunça bäş ýyllyk toplumlaýyn iş meýilnamasyna badalga berlendigini mälim etdiler. Bu barada «The Kathmandu Post» gazeti habar berýär.

Neşiriň berýän maglumatyna görä, howanyň maýlamagy Ýer togalagynyň iň belent dagyndaky hapalanma ýagdaýyny has-da kynlaşdyrýar. Garyň we buzluklaryň eremegi netijesinde uzak wagtlap aşakda saklanan hapalar ýüze çykyp başlady. Bu bolsa suwuň hapalanmagyna täsir edip, derýanyň ýakasynda ýaşaýan ilatyň saglygy üçin howp döredýär.

Nepalyň Medeniýet, syýahatçylyk we raýat awiasiýasy ministrligi tarapyndan yglan edilen maksatnama laýyklykda, barha artýan ekologiýa meselelerini nazarda tutup, Ewerestiň binýatlaýyn lagerini (5364 metr belentlikde ýerleşýän) başga ýere göçürmegiň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlamak göz öňünde tutulýar. Häzirki lager Khumbu buzlugy boýunça bir kilometrden gowrak aralyga uzap gidýär we yzygiderli üýtgäp duran, ereýän buz akymynyň ugrunda ýerleşýär. Belent buz bölekleri bilen gurşalan bu sebit, esasan hem, tomus paslynda suw joşmasy sebäpli durnuksyz ýagdaýa gelýär.

Bahar paslynda lager ýüzlerçe alpinistiň we hyzmat ediş işgärleriniň bolýan gür çadyrlar şäherçesine öwrülýär. Ol ýerdäki peçler, ýyladyjylar we generatorlar ekologiýa has güýçli täsir edýär.



– Hökümet dag gerişleriniň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, binýatlaýyn lageri başga ýere geçirmek mümkinçiligini öwrenmek kararyna geldi. Lager çadyrlardan doly, galyberse-de dag gerşiniň gowşak nokadynda ýerleşýär, şonuň üçin bu barlaglar bize alternatiw ýeriň gerek boljakdygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berer – diýip, ýurduň Syýahatçylyk departamentiniň ýolbaşçysy Himal Gautam belledi.

## Hindistan Ýaponiýadan ozdurdy

Hindistan hökümetiniň ýylyň ahyrynda çap eden ykdysady maglumatlaryna laýyklykda, Ýaponiýadan ozdurup, jemi içerki önümiň pul aňlatmasynda dünýäde dördünji iri ykdysadyýetli ýurt boldy. Bu barada «The Times of India» neşiri habar berdi.

«Hindistan 4,18 trillion amerikan dollary möçberindäki jemi içerki önümi bilen Ýaponiýadan öňe saýlandy we ulylygy babatda dördünji ykdysadyýet boldy» diýlip, habarda bellenilýär. Şeýle hem, Hindistanyň golaý 2,5-3 ýylda Germaniýadan hem öňe geçip, üçünji orny eýeläp biljekdigi çaklanylýar.



Neşiriň ýazmagyna görä, eýýäm birnäçe ýyldan bäri Hindistan dünýäde ykdysadyýeti çalt ösýän ýurt bolmak bilen, bu okgunly ösüş depginini birnäçe ýyl bäri saklap gelýär.

## Milli emeli aň modelini işläp düzmekçi

Ýaponiýanyň hökümeti hususy pudak bilen bilelikde milli emeli aň (EA) modelini döretmek üçin, takmynan, 3 trillion ýen (19 milliard amerikan dollary) sarp etmegi meýilleşdirýär. Bu barada «Ýomiuri» gazeti habar berýär.

Habarda bellenilişi ýaly, bu bilelikdäki taslama ýerli kompaniýalaryň 10-dan gowragy, şol sanda «SoftBank» korporasiýasy ýaly ägirt uly ulgamlar gatnaşar. Neşiriň maglumatyna görä, ýurduň hökümeti çykdajylaryň, takmynan, üçden bir bölegini öz üstüne almagy, galan serişdeleri bolsa hususy kompaniýalaryň maýa goýmagyny göz öňünde tutýar.



Ýaponiýanyň milli emeli aň modeliniň, eýýäm, şu ýyl işlenip düzülmegine garaşylýar. Bu taslama, hususan-da, iň döwrebap maglumat merkezleriniň gurluşygyny hem öz içine alar. Geljekde bu emeli aň modeli ýerli önümçilik robototehnika ulgamynda ulanmak hem meýilleşdirilýär.

## REKORD DEREJÄ ÝETDI

Soňky 10 ýylyň dowamynda Ýaponiýanyň munisipalitetleriniň (ýerli häkimlikler) agramly böleginde daşary ýurtly raýatlaryň sany artdy. Immigrasiýa gullugynyň berýän maglumatyna görä, iýun aýynyň ahyryna çenli ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlularyň sany rekord derejä – 3,95 milliona ýetdi.

Daşary ýurtly raýatlaryň sany ýurduň 1 müň 680 sany munisipalitetinde, ýagny umumy sanawyň, takmynan, 96 göteriminde köpeldi. Olaryň 51 göteriminde bolsa gelenleriň sany iki esseden hem gowrak artdy. Daşary ýurtly raýatlar, esasan, iri şäherlerde mesgen tutýarlar. Mysal üçin, Osaka şäherinde 72 müň, Ýokogamada, takmynan, 48 müň we Nagoýada 35 müňe golaý daşary ýurtly raýat hasaba alyndy.



NHK teleýaýlymynyň habar bermegine görä, ýerli häkimlikler hökümete ýüzlenip, Ýaponiýa göçüp gelen daşary ýurtlulara ýardam bermek üçin goşmaça çäreleri görmäge çagyrdylar.



## 22 kilometrlik awtoulag tunneli açyldy

**Hytaýyň häkimiýetleri ýurduň demirgazyk-günbatarynda uzynlygy 22 kilometrden gowrak bolan «Týanşan Şeňli» awtoulag tunnelini resmi ýagdaýda ulanmaga berdiler. Bu desga dünýädäki iň uzyn we ýokary tizlikli awtoulag tunnelidir. Ol Sinszýan-Uýgur awtonom sebitinde ýerleşip, dagly ýerlerden geçýän ýoluň wagtyny birnäçe sagada çenli gysgaltmaga mümkinçilik berýär.**

**Tunnel bir günde açylan, umumy uzynlygy 324 kilometrden gowrak bolan G0711 Urumçi - Ýuýli ýokary tizlikli awtoulag ýolunyň ugrunda ýerleşýär. Bu uly ýol Sinszýanyň demirgazygyndaky we günortasyndaky şäheriçi ýollary halkalaýyn birleşdirýän möhüm ugurlaryň biridir. Ýoluň gurluşygy 5 ýyl dowam etdi we taslama jemi 46,7 milliard ýuan (6,63 milliard amerikan dollary) möçberinde maýa goýuldy.**

**Tunneliň iň pes ýeriniň 1,1 kilometre ýetýändigi bellenilýär. Ýerasty geçelge seýsmiki taýdan işjeň bolan sebitde ýerleşip, 16 sany tektonik jaýrykly zolagy kesip geçýär.**

## MAKSATNAMASYNA DOLANÝAR

Beýik Britaniýanyň Ýewropa Bileleşigine çykmagy baradaky kararyndan bäş ýyl geçensoň, London täzeden «Erasmus+» maksatnamasyna goşulýar. Ylalaşygyň çäginde 100 müňden gowrak ýaş britaniýalynyň bu taslama gatnaşmagyna garaşylýar. Italiýanyň «Corriere della Sera» gazetiniň ýazmagyna görä, Beýik Britaniýanyň 2027-2028-nji ýyllar üçin goşandy, takmynan, 570 million funt-sterling bolar.

Mundan ozal köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden ara alnyp maslahatlaşylan London bilen Brýusseliň arasyndaky ylalaşyk, Birleşen Patyşalygyň 2027-nji ýylyň ýanwar aýyndan başlap resmi taýdan «Erasmus+» maksatnamasyna goşulmagyny tassyklaýar. Beýik Britaniýanyň Ýewropa Bileleşigi boýunça ministri Nik Tomas-Saýmonds: «Bu biziň ýaşlarymyz üçin uly ýeňişdir» diýip belledi.

Tutuş Ýewropa boýunça 1,5 milliona golaý ýaşlary öz içine alýan «Erasmus» maksatnamasy 1987-nji ýyldan bäri Ýewropanyň «duýgy geografiýasyny» kemala getirip gelýär. Bu maksatnama ýetginjekleriň öz ýurdundan beýleki ýurtlara geçmegini ýeňilleşdirip, serhetleri aşýan dostluklaryny berkidip we özlerini haýsydyr bir döwletiň raýaty hökmünde däl-de, «ýewropaly» hökmünde duýmagyny kemala getirdi.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1949-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda Nýu-Ýorkda BMG-niň geljekki ştab-kwartirasynyň düýbüni tutmak dabarasy boldy, onuň açylyşy bolsa 1951-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda amala aşyryldy. BMG-niň ştab-kwartirasy halkara guramanyň esasy iş edaralary üçin resmi ofis bolup hyzmat edýän binalar toplumydyr. 7 gektara barabar bolan meýdanda BMG-niň 167 metrden gowrak beýiklikdäki esasy binasynyň taslamasyny işläp düzmek üçin arhitektorlara 6 ýyl gerek bolýar.**



## ILKINJI ALTY TONNALYK KONWERTOPLAN

**Hytaý kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen alty tonnalyk aýlawly «Lanying R6000» uçary Sinçuan welaýatynda ilkinji synag uçuşyny üstünlikli amala aşyrdy. Bu barada «Global Times» gazeti habar berýär.**

**Bu uçuş apparaty dikligine uçup-gonmak (VTOL) aýratynlygy bilen ýokary tizlikli gorizontal uçuş tertibine bökdençsiz geçmäge ukyplydyr. Konwertoplanyň iň ýokary tizligi sagatda 550 kilometre ýetýär. Bu görkeziji adaty dikuçarlaryňkydan iki esse ýokary bolup, uçuş aralygy 4 müň kilometre çenli ýetýär.**

**«Lanying R6000» daglyk we kenarýaka sebitlerde ulanmak üçin niýetlenendir. Täze uçar syýahatda ýolda geçirilýän wagty ep-esli azaldyp biler. Şeýle hem bu dikuçary gözleg we halas ediş işlerinde, ýangyn söndürmekde, polisiýanyň ýörite gullugynda we tebigy betbagtçylyklaryň öňüni almakda ulanmak meýilleşdirilýär.**

**Hytaýyň Raýat awiasiýasy müdirliginiň çaklamalaryna görä, 2035-nji ýyla çenli ýurduň pes belentlikden uçýan awiasiýa bazaryndaky girdejisi 499,5 milliard amerikan dollaryndan geçip biler.**



# DÜNÝÄNIŇ IŇ SOWUK ŞÄHERI WE OBASY

● Dünýäniň sowuk şäherleriniň sanawynda Harbin, Ulan-Bator, Winnipeg, Norilsk, Ferbanks, Ýakutsk we Ýellounaýf ýaly şäherler öňdeligi eýeleýär. Russiýanyň Uzak Gündogar sebitinde, Lena derýasynyň çep kenarynda, Tuýmaada jülgesinde ýerleşýän Ýakutsk Ýer togalagynyň iň sowuk şäheri hasaplanýar. Bu şäher gyşyna 3-4 sagatlyk Gün şöhlesiniň ýalkym saçmagy bilen tapawutlanýar. 122 inedördül kilometr meýdany eýeleýän şäheriň 350 müň töweregi ilaty bolup, esasan, dag-magdan işleri bilen meşgullanýarlar. Ýakutsk nebite, altyna, göwhere we başga-da gymmatly metallara baý şäher hasaplanýar.

Russiýa Federasiýasynyň uzak gündogarynda ýerleşýän Saha Respublikasynyň paýtagty Ýakutskda gyşyna howanyň temperaturasy -50 derejä çenli sowaýar.

Şäheriň howa guşaklygy kontinental bolup, iýun aýynda hem gar ýagýan wagtyna gabat gelmek bolýar. Bu şäher şeýle bir sowuk welin, -10 dereje sowuk howa şäher ýaşaýjylary üçin



«yssy» hasaplanýar. Şäherde demir ýol bolman, buz ýollarda diňe awtobuslar we mikroawtobuslar hereket edýär. Sowuk şäheriň esasy ulag serişdesi paýtun bolup, ýerli ýaşaýjylar hojalyk işlerinde ata, suguna goşulan arabalardan peýdalanýarlar. Ýakutskda ýaşaýjylar azykdyr gök önümleri doňmazlygy üçin sowadyjyda goýýarlar. Şäheriň bazarynda esasy iýmit hökmünde et we balyk satylyp, oba hojalygyna degişli önümler sowuk şäherde ösdürilip ýetişdirilmeýär. Häzirki wagta çenli Ýakutskda iň sowuk howa 1891-nji ýylda hasaba alyndy. Şonda howanyň temperaturasy -65 derejä çenli sowapdyr.



● Saha Respublikasynyň Oýmýakon obasy dünýäniň iň sowuk ilatly ýeri hasaplanýar. Ýakutskdan 1 müň 500 kilometr çemesi uzakda ýerleşýän bu obada şu wagta çenli howanyň iň sowuk derejesi 1933-nji ýylda hasaba alnypdyr. Şonda howanyň temperaturasy -67,7 derejä ýetipdir. «Sowuk polýus» diýlip atlandyrylýan bu ýerde 500 töweregi adam ýaşaýar. Indigirka derýasynyň kenarynda ýerleşýän Oýmýakon obasy örän sowuk we uzak gyşlary, güýçli aýazlary bilen tapawutlanýar. Oba ýaşaýjylary öýleri ýylatmak üçin diňe odun peç ulanýarlar. Oýmýakon obasyndaky düzgüne görä, howanyň temperaturasy -55 derejeden aşak düşende mekdepler ýapylýar.

Obada gyş möwsüminde howanyň ortaça temperaturasy -40 derejede saklanýar. Bu ýerde elektron enjamlar, telewizor we öýjükli telefon işlemeýär. Dünýäniň iň sowuk şäheri-de, obasy-da Russiýada ýerleşýär.







## Awtoulagyň aýnasyny nähili arassalamaly?

Gyş paslynda her gün diýen ýaly ýüzbe-ýüz bolunýan meseleleriň biri hem awtoulagyň aýnasynyň doňmagydyr. Ir bilen işe gitjek bolanymyzda ýa-da kähalatda gyssagly öýden çykanymyzda ulagyň aýnasynyň buz bilen örtülendigini görýäris. Eýsem, gysga wagtyň içinde aýnany nähili arassalamaly? Aýna zyýan ýetirmezden buzy nädip eretmeli?

Ilki bilen ulagy işletmeli. Soňra ulagyň içindäki çygly howany aýyrmak üçin peji açmaly. Mümkin bolsa, gyzgyn howany üfleýjileri aýna tarap bakdyrmaly. Gapylary ýapyp, biraz garaşmaly. Aýna ýapyşan çygly gatlak ýuwaş-ýuwaşdan eränden soň, aýnanyň daş ýüzünden suw pürküjide suw sepip, buz gatlagyny eretmeli. Aýna sepilýän suwuň doňmazlygy üçin ýuwujy serişde goşup, köpürjikli suw hem taýýarlap bilersiňiz. Soňra awtoulagy süpürmek üçin ýörite taýýarlanan mikrofiber süýümli süpürgiç bilen aýnany mazaly arassalamaly. Awtoulagyň aýnasy suwy özüne çekiji ýörite esgi bilen süpürilse talabalaýyk bolar. Ulagyň aýnasyny awtoulagy gyzdyrmazdan ýa-da suw sepip ýumşatmazdan öň arassalamak maslahat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda aýna çat açyp ýa-da döwlüp bilýär.

Käte açyk awtoduralgada duran ulagy gar gatlagy büreýär. Şeýle ýagdaýda awtoulagyň aýnasyndaky gar gatlagyny ilki çotga bilen arassalamaly. Soňra suw sepip, buz eränden soň mata süpürgiç bilen çygyny aýyrmaly. Metaldan ýa-da gaty plastmassadan ýasalan syryjylar bilen buzy aýyrmak aýnanyň döwülmegine ýa-da şöhle geçirijiliginiň üýtgemegine sebäp bolup biler.

Gyş paslynda, esasan hem, ýagynly günlerde awtoulagy daş-töweregi ýapyk awtoduralgada goýmak maslahat berilýär. Her gün ugramazdan öň ulagyňyzyň aýnasyny arassalamak ýüze çykyp biljek ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga ýardam edýär.

Ýoluňyz ak bolsun!

## Bäbekler näçe aýlykda gülüp başlaýar?

Bäbekleriň ilkinji ýylgyryşy ata-eneler üçin tolgundyryjy pursatlaryň biridir. Ýylgyrmak kadaly ösüşiň alamaty bolup, körpeler köplenç 3-4 aýlykda ýylgyryp başlaýarlar. Bäbejigiň töweregindäkiler bilen aragatnaşyk saklamak hem-de duýgularyny bildirmek üçin ilkinji synanyşygy ýylgyrmak arkaly ýüze çykýar. Bäbejikler bir ýaşa çenli jykyrdap gülmek, dürli sesleri gaýtalamak arkaly maşgalasynyň «altyn aşygyna» öwrülýär. Bäbejige gözegçilik etmek, olar bilen oýnamak we gürleşmek körpejeleriň ösüşi üçin möhümdir. Kiçijik çagalar köplenç ukudaka ýylgyrýarlar. Bu olaryň hoşallygynyň alamaty bolup, hossarlarynyň süýji sözlerine, ejesiniň hüwdüsine jogap hökmünde ýüze çykýar. Bäbekleriň köpüsi 2-3 aýlykda özlerine ideg edýän adamlaryň gözüne seredip başlaýar. Töweregindäki seslere we hereketlere üns berýär. Dördünji aýda körpejeler öwrenen seslerini we hereketlerini gaýtalap başlaýarlar. Bäbejikler alty aýlykda jykyrdap gülüp, dürli oýunlary görkezip, hezil edýärler. Altynjy aý çagalaryň ösüşiniň iň esasy döwri hasaplanýar.

**Bäbekleri nädip güldürmeli?**

Körpejeleri güldürmek olaryň keýpini götermegiň bir usulydyr. Bäbejigi güldürmek kyn däl. Munuň üçin olaryň



halaýan zadyny etmeli. Mysal üçin, bäbejigiň hereketlerini ýa-da ilkinji sözlerini gaýtalamak onuň hoşuna gidýär. Özüne öýkünilýändigini bilip, gülmäge başlaýar. Mundan başga-da, mähirli sözleri aýtmak, oýunlary oýnamak ýa-da aýdyma hiňlenmek arkaly balajyklary güldürip bolýar. Bilermenler bäbeklere ertekili kitaplary okap bermegiň, öwrediji oýunlary oýnamagyň hem-de açyk howada gezelenç etdirmegiň olaryň ösüşi üçin örän möhümdigini belleýärler.

## Sowuk howa uka täsir edýärmi?

**Gyş aýlarynda köpler ukusyzlykdan ejir çekýändigini aýdýarlar. Wagtly-wagtynda iýmitlenýändigine we gün tertibine eýerýändigine garamazdan, kadaly uklap bilmeýändiginden nägile bolýarlar. Bilermenler munuň sebäbini gije bilen gündiziň wagtynyň üýtgemegi hem-de melatonin gormonynyň deňagramlylygynyň bozulmagy bilen düşündirýärler. Eýsem, howanyň sowuk günleri ukyňy kadaly almak üçin nämelere üns bermeli?!**

Gyş möwsüminde kadaly uklap bilmezligiň birnäçe sebäbi bar. Sowuk howa, fiziki işjeňligiň peselmegi, Günden gelýän şöhläniň azalmagy we netijede bolsa uky gormonynyň (melatonin) bölünip çykmagynyň bozulmagy ýaly sebäpler adama uly täsir edýär. Gysga günler we uzyn gijeler bolsa bu ýagdaýy has-da kynlaşdyrýar. Bularyň ählisi bedeniň biologik ritmine we adamyň gündelik endiklerine öz täsirini ýetirýär. Netijede bolsa, ukusyzlyk, ukynyň bozulmagy ýaly alamatlar ýüze çykýar.

**Nädip uklamaly?**

Ilki bilen Günden gelýän şöhläni, ýagny D witaminini kabul etmek üçin gyş paslynyň güneşli günlerinde gezelenje çykmaly. D witamini melatonin gormonynyň bölünip çykmagyna ýardam edýär. Sowuk otagda çalt we rahat uklap bolýandygyna garamazdan, ýylyrak ýerde ýatmaga endik etmeli. Beden sowuk ýerde özüni gyzdyrmak üçin has köp energiýa sarp edýär. Bu bolsa uklamagy kynlaşdyrýar. Şol sebäpli otag temperaturasyny 21-24 dereje ýyly saklamaga çalyşmaly. Gyş paslynda wagtyň köp bölegi içerde geçýär. Fiziki işjeňligiň peselmegi bolsa, işdä we uka täsir edýär. Sowuk howada fiziki işjeňligi artdyrmak üçin köpräk ýöremeli. Munuň üçin işe ýa-da öýe 1-2 duralga galanda düşüp, ýöräp bilersiňiz.



Tehnologik enjamlar hem ukynyň hiline öz täsirini ýetirýär. Ekrandan çykýan gök ýşyk melatoniniň bölünip çykmagynyň öňüni alýar. Ýatmazdan iki sagat öň telefon, planşet, kompýuter ýa-da telewizor ýaly güýmenje enjamlaryndan uzaklaşmaly. Iýmitleniş düzgünleri hem uklamaga öz täsirini ýetirýär. Bilermenler gyş aýlarynda az-azdan 4-5 gezek naharlanmagy maslahat berýärler. Şeýle hem ýatmazdan öň kofe içmekden we şokolad iýmekden saklanmaly. Kofeni ýatmazdan 5-6 sagat öň içmek zyýansyz hasaplanýar. Ýatmazdan öň ösümlik çaýlaryny, limonly suw içmek, kitap okamak, saz diňlemek beýnini köşeşdirip, rahat uklamaga ýardam edýär.

## Adam beýnisiniň özboluşly aýratynlyklary

● Beýnimizde 100 milliard töweregi neýron (nerw öýjükleri) bar. «Neýron tokaýlygy» diýlip atlandyrylýan bu öýjükler beýniniň bary-ýogy 10 göterimini düzýär.

● Beýniniň ölçegi möhüm däl. Sebäbi uly beýniniň kiçi beýniden has akyllydygy barada subutnama ýok.

● Ýadyňa düşürmek, täze zatlary pikirlenmek – bu beýnidäki maglumatlar esasynda döreýär.

● Beýnidäki gan damarlarynyň uzynlygy 100 müň mile (161 kilometr) deňdir.

● Düýş görmek beýniniň dynç alyş wagtynda (ukuda) bolup geçýän kiçijik hadysadyr. Bu hadysanyň dowamlylygy bary-ýogy 3 sekuntdyr.

● Näçe çuň pikirlenilse, beýni hem şonça kislorod we «ýangyç» sarp edýär.



● Beýniniň, takmynan, 75 göterimi suwdan ybarat. Şol sebäpli suwsuzlyk, natriý hem-de elektrolitleriň ýitmegi ýadyň we ünsüň peselmegine sebäp bolýar.

● Adam beýnisi daş ýaly berk bolup, bedeniň agramynyň 2 göterimini emele getirýär. Beýniniň agramy ortaça 1,3 – 1,4 kilogram töweregi bolýar.

● Oňurgaly janly-jandarlaryň arasynda adam beýnisi iň ulusy hasaplanýar. 18 ýaşa çenli beýni ösmegini dowam etdirýär. 25 ýaşa çenli kämilleşýär. 40 ýaşa ýetende ösmegini bes edýär. Adam ulaldygyça beýnisi kiçelýär.

● Kellagyry beýnidäki nerw öýjüklerinde bolup geçýän himiki täsirleşme netijesinde ýüze çykýar.

● Beýniniň hasaba alýan gysga möhletli ýady 20-30 sekunt töweregi ýatda saklanýar. Beýni sanly belgini 7 sekuntda, harply belgini 9 sekuntda ýat tutup bilýär. Beýniniň işjeň ýady 7 belgili sanlary çaltlyk bilen özüne geçirip bilýär. Şol sebäpli dünýäniň köp ýurdunda awtoulag belgileri, telefon nomerler 7 belgili sandan geçmeýär.

● Beýni agyry duýmaýar. Beýnide her gün 12 – 60 müň töweregi pikir döreýär. Şolaryň 95 göterimi gaýtalanýan pikirler bolup, 80 göterimi bolup bilmejek zatlardyr.

● Maşk bedenimiz üçin zerur bolşy ýaly, beýnimiz üçin hem möhümdir. Munuň üçin küşt, şaşka, krossword ýaly pikirlendirýän, iki suratyň arasyndaky tapawudy tapmak ýaly beýnini işjeňleşdirýän maşklary ýerine ýetirmek maslahat berilýär.




## ÝYLYŇ ILKINJI AWTOSERGISI

Ýylyň ilkinji awtoulag görkezilişi bolan Brýussel awtosergisi ýanwar aýynyň 9-18-i aralygynda geçirilýär. Her ýyl geçirilýän bu sergide Ýewropada ýylyň awtoulag baýragynyň ýeňijisi yglan edilýär. 102-nji gezek geçirilýän Brýussel awtoulag sergisinde kaşaň awtoulaglar bilen bir hatarda, elektroulaglar, gibrid ýaly täze modeller, şeýle hem motosikl brendleri köpçülige görkezilýär. Awtoulag hünärmenlerini, jemgyýetçilik we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini, syýahatçylary bir ýere jemleýän bu sergi güýmenje meýdançasy bolup, özara pikir alyşmaga, täze çözgütleri tapmaga uly mümkinçilik döredýär.

Brýussel awtosergisine 60-dan gowrak awtoulag brendi, 20-den gowrak motosikl kompaniýalary, ýeňil täjirçilik awtoulaglary, elektroulaglar, gibrid ulaglar we nusgawy awtoulaglar gatnaşýar. Bilşimiz ýaly, dünýä awtoulag bazarynda Ýewropa awtoulaglaryna uly isleg bildirilýär. Ýewropanyň awtoulag bazarynda «Volkswagen», «Stellantis», «Renault» ýaly kompaniýalar öňdeligi eýeleýär. Ýewropada bazaryň lideri «Volkswagen» hasaplanylýar. Nemesleriň «halk ulagy» Ýewropadaky awtoulag satuwynyň 20-25 göterimini düzýär. Soňky ýyllarda elektrik ulaglara uly üns berilýändigine garamazdan, Ýewropa bazarynda elektroulaglaryň 16-18 göterim paýy bar. Gibrid ulaglaryň bolsa, gitdigiçe meşhurlygy artyp, 2025-nji ýylyň awtoulag söwdasynda 34-35 göterimi emele getiripdir. Ýewropada gibrid ulaglaryň meşhur bolmagy bilen dizel we benzin bilen hereket edýän ulaglaryň söwdasy pese gaçýar. Bu sebitde, esasan, SUV ulaglara uly isleg bildirilýär. Degişli döwürde sedan bilen jipiň aralygyndaky SUV ulaglarynyň söwdasy 48-59 göterime deň bolupdyr. Elýeterli bahasy bilen tapawutlanýan «Dacia Sandero» 2025-nji ýylda Ýewropada iň köp satylan ulag bolupdyr. Ýewropada awtoulag söwdasynda Germaniýa, Angliýa we Fransiýa esasy üçlügi emele getirýär. BMW, «Mercedes-Benz» ýaly kaşaň awtoulaglaryň ata Watanynyň sebitdäki bazar paýy 20 göterime deň.

Brýussel awtosergisiniň 7 sany sergi zaly bar. Bu ýerde ýeňil ulaglar, motosikller we nusgawy ulaglar aýratyn meýdançada köpçülige görkezilýär. Sergä 300 müňden gowrak myhman gatnaşýar. Brýussel awtoulag sergisi Belgiýadaky ýapyk binada geçirilýän iň uly çäre hasaplanylýar. Bu ýyl serginiň täzeligi hökmünde «Opel Astra»-nyň ýolsuz ýerden ýöreýän elektrik ulaglary, «Alfa Romeo»-nyň täze modelleri görkezilýär. Şu gün serginiň açylyş dabarasynda Ýewropada ýylyň awtoulagy bäsleşiginiň ýeňijisi yglan ediler. Sergini Belgiýanyň Awtomobil we welosiped senagaty federasiýasy (FEBIAC) guraýar. Brýussel awtosergisi tutýan meýdany 50 müň inedördül metre barabar bolan «Heysel Palaces» (Ýüzýyllyk köşgi) sergi merkezinde geçirilýär.



**TARYHY**

Brýussel awtoulag sergisi ilkinji gezek 1902-nji ýylda geçirilýär. Şol ýylky sergide «Clement» we «Gardner-Serpollet» ýaly şol döwrüň meşhur ulaglary görkezilýär. Ýerli sergiden halkara derejeli sergä öwrülen Brýussel awtosergisi ilkibaşda «Park du Cinquantenaire» seýilgähinde geçirilip başlanýar. Birinji we Ikinji jahan urşy ýyllarynda geçirilmedik bu sergi 1937-nji ýyldan başlap Ýüzýyllyk köşgünde (Heysel Palaces) öz işine başlaýar. Sergi 1960-njy ýyldan bäri yzygiderli geçirilýär. Sergi Ýewropanyň awtoulaglaryny köpçülige tanatmak, söwdany ösdürmek we awtoulaglara täze tehnologik çözgütleri ornaşdyrmak üçin geçirilýär. «Heysel Palaces» sergi merkezi nusgawy ulaglaryň öýi bolan Awtoworld muzeýinden başlap, giperkarlara, elektrik ulaglara, motosikllere we oýun maşynlaryna çenli köp zady öz içine alýar.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Aziýada ösýän iň gymmat agaç

Günorta-Gündogar Aziýada ösýän akwilariýa agajy (Aquilaria) dünýäniň iň gymmat agajy hasaplanýar. Akwilariýa agajynyň boýy 30 metre, esasy sütüniniň diametri 1 metre çenli ýetýär. Gabygynyň reňki çalymtyl-goňur bolup, kökünden aňsatlyk bilen aýryp bolýar. Bu agajyň fikusa meňzeş ýapragynyň gyralary tüýli bolýar. Bahar paslynda jaňjagaz şekilde sary gül açýan akwilariýa agajynyň miwesi iýul aýynda ýetişýär. Armyda meňzeş içi tohumly miwe terligine iýilmeýär, çaýa ýa-da kofä goşulýar, şeýle hem çig mal hökmünde lukmançylykda ulanylýar. Akwilariýa agajy Hindistandan Papua-Täze Gwineýa çenli aralykdaky tropik tokaýlarda ösýär. Akwilariýa agajy ortaça 40-50 ýyl ýaşaýar. Tailandda 200 ýaşly akwilariýa agajynyň ösüp oturandygy habar berilýär.

**NÄME ÜÇIN GYMMAT?**

Baldagynyň içi gasyn-gasyn öýjükli akwilariýa agajy aşa köp kesilýändigi



sebäpli, örän haýal ösýär. Akwilariýanyň şepbigi saz gurallaryny ýasamakda, atyr önümçiliginde we lukmançylykda gymmatly çig mal bolup hyzmat edýär. Bu agajyň şepbigi tebigy ýagdaýda emele gelmeýär. Agaja gyzdyrylan demir çişler kakylyp, birnäçe çukurjyklar emele getirilýär. Wagtyň geçmegi bilen agaç özüni goramak hem-de ýokançlygyň öňüni almak üçin çukurjyklary şepbik bilen doldurýar. Hemişe gök öwsüp oturýan akwilariýa agajynyň hoşboý ysly şepbigi gymmat bahaly atyrlara goşulýar. Aziýa ýurtlarynda halk lukmançylygynda akwilariýa agajynyň böleklerini tütetmek, ýagyndan melhem ýasamak arkaly hassalar bejerilýär. Akwilariýa agajyndan başga-da, Afrika gara agajy (Mpingo) we banýan agajy gymmat agaçlaryň hatarynda görkezilýär.

# Otluçöp haçan peýda boldy?

**Alymlar «Adamlar ody oýlap tapmadylar, olar alawy açdylar» diýip belleýärler. Ýyldyrymyň çakmagy bilen tokaýyň käbir ýerine uçgun düşüpdir hem-de alaw peýda bolupdyr. Adamlar öz ýaşaýan ýerine (gowak, öý) ot bölekleri-ni we köz alyp gelipdirler. Olar şeýdip, ody söndürmän saklap, tebigy ýagtylykdan we gyzgynlykdan peýdalanypdyrlar. Eger ot sönse, ony gaýtadan ýakmak örän kyn bolupdyr.**

**Wagtyň geçmegi we medeniýetiň ösmegi bilen adamlar «Ody nädip ýanyňda göterip bolar?» diýen sowalyň çözgüdini gözläpdirler. Islendik wagt aňsatlyk bilen ýakyp bolýan usuly oýlap tapmaga synanyşypdyrlar. Maglumatlara görä, kükürtden öň, içinde suwuklandyrylan gaz we uçgun beriji bölegi bolan çakmak oýlanyp tapylypdyr. Häzirki wagtda aşhanada giňden ulanylýan otluçöp adamzat taryhynda has giç peýda bolupdyr. Otluçöpden öň ot ýakmak üçin dürli gurallar ulanylypdyr. Çakmak daşyndan başlap, häziriki uçgun beriji gurallara çenli birnäçe synanyşyklar edilipdir. Eýsem, otluçöp haçan oýlanyp tapyldyka? Otluçöpüň giç peýda bolmagynyň sebäpleri näme?!**

Ýönekeý oýlap tapyş ýaly görünse-de, otluçöp asyrlaryň dowamynda synaglaryň, ýalňyşlyklaryň, şeýle hem himiki barlaglaryň netijesinde gazanylan üstünligiň netijesidir. Geň tarapy hem, mehaniki çakmaklar kükürtden has öň peýda bolupdyr. Munuň sebäbi bolsa, himiýa ylmy bilen baglanyşyklydyr. Ilki-



başda himiki usullar bilen käbir maddany arassalap ýa-da maddalarda täsirleşme geçirip bolmandygy üçin kükürt howply hasaplanylypdyr. Adamlar himiýadan öň fiziki usullar arkaly: daşy biri-birine urmak, ýylmanak daşy biri-birine sürtmek, metaly daşa urmak ýaly usullar arkaly ot ýakypdyrlar. Kyn we köp wagt alýandygyna garamazdan, bu usullar birnäçe asyrlap ulanylypdyr. Iň ýaýran usul çakmak daşyna polady sürtmek we döreýän uçguny ýanýan suwuklygyň üstüne gönükdirmek bolupdyr.

XVIII asyrda himiýa ylmynyň ýüze çykmagy bilen kükürt (sulfur) himiki elementi oýlanyp tapylýar. Ýakmak aňsat bolandygyna garamazdan, ilkinji otluçöp saglyk



● Adamlar himiýadan öň fiziki usullar arkaly, ýagny daşy biri-birine urmak, ýylmanak daşy biri-birine sürtmek, metaly daşa urmak bilen ot ýakypdyrlar.

üçin howply bolupdyr. Birnäçe synanyşyklardan soň, XIX asyryň ahyrlarynda häzirkilere meňzeş otluçöp oýlanyp tapylýar. Ilkibaşda otluçöp gutusy häzirkilerden üç-dört esse uly bolupdyr. Adatça, bir gutujygyň içinde 35-50 töweregi ýanýan çöpjagaz bolýar.

*Mähriban çagalar, özbaşdak ot ýakmakdan, otluçöp ellemekden gaça duruň!*

# Antarktidanyň täsin ýaşaýjylary

● Pingwinler maşgalasyna (Spheniscidae) degişli bolan alabeder deňiz guşy uçup bilmeýändigine garamazdan, ýüzüp hem-de suwa çümüp bilýändigi bilen tapawutlanýar.

● Adamlaryň köpüsi pingwinler Antarktidada ýaşaýar diýip pikir etseler hem, bu guşuň Günorta Amerikada, Afrikada, Awstraliýada we Täze Zelandiýada mesgen tutan görnüşleri hem bar.

● 2006-njy ýylda gaýa pingwini iki aýry görnüş hökmünde ykrar edilenden soňra, pingwinleriň umumy görnüşi 18-e ýetdi.

● Pingwinleriň iň ulusy imperator pingwini (Aptenodytes forsteri) bolup, boýy 1 metrden we agramy 35 kilogramdan geçýär. Kükregi sarymtyl bolan imperator pingwinleri Antarktidanyň agyr howa şertlerinde ýaşaýar.

● Pingwiniň iň kiçi görnüşiniň ululygy ananas ýalydyr. Agramy 1,5 kilograma ýetmeýän kiçijik pingwiniň boýy 30-33 santimetr töweregi bolýar. Awstraliýada we Täze Zelandiýada duş gelýän bu guşlaryň iň kiçisine kiçi pingwin (Eudyptula minor) diýilýär.

● Pingwinler adamlaryň ýanyna golaýlaşýandygyna garamazdan, gorkup gaçmaýarlar. Gaýtam geň görüp ýanyna barýarlar. Munuň sebäbi bolsa, haýal ýöreýändigi we özlerinden başga janly-jandary görmeýändigi bilen düşündirilýär.



● Adatça, pingwiniň horazy ýumurtgalara ideg edýär, mäkiýan pingwin bolsa aw awlamak üçin deňziň çuňluklaryna gidýär.

● Pingwiniň horazy mäkiýanyna kiçiräk daş böleklerini sowgat edýär. Bu daşlar bolsa höwürtge ýasamak üçin ulanylýar.

● Pingwinler jüýjesini «çaga torbasy» diýlip atlandyrylýan ýyly tüý örtüginiň aşagynda saklaýarlar. Şeýlelikde, kiçijik pingwinler 38 dereje gyzgynlykdaky bu ýerde üşemän ulalýarlar.

● Pingwinler ganatynyň kömegi bilen suwuň düýbünde sagatda 10-30 kilometr tizlikde ýüzüp bilýärler. Imperator pingwinler deňziň 500 metre çenli düýbüne, beýleki görnüşler bolsa, suwuň 60 metre çenli çuňlugyna çümüp bilýärler.

● Pingwinler topar bolup ýaşaýan şadyýan jandarlardyr. Bir toparda ýüzden on müňlerçe guş bolýar. Toparda ýörite goragçy pingwinler bolup, mäkiýanlaryny, kiçijik pingwinleri beýleki pingwinlerden we ýyrtyjylardan goraýarlar.

● Dünýäde 40 milliondan gowrak pingwin bolup, iň uly pingwin sürüsi Antarktidanyň aşagyndaky adalarda (Snou Hill, Günorta Jorjiýa) ýaşaýar.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**6 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**



## 1-nji SKANWORD




## 4-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Birine göriplik, görübilmezçilik edýän, bahyl. **2.** Ölçeg birligi. **3.** Hat ýazmak üçin reňk berip, yz galdyrýan suwuklyk. **4.** Edilýän hezzet-hormat. **5.** Asman jisimlerini öwrenýän adam. **6.** Bir wakany beýan edýän, kyssa görnüşli ýazylan çaklaňrak çeper eser. **7.** Ahemeniler döwründe welaýatlaryň atlandyrylyşy. **8.** Žurnallarda, gazetlerde, ýygyndylarda çap edilýän kiçi göwrümli ylmy ýa-da syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetli habar. **11.** Türkmen itiniň ady. **13.** Maýmynyň bir görnüşi. **17.** Gresiýada bir şäher. **18.** Günorta Amerikadaky döwlet. **20.** Mal-mülk, baýlyk. **22.** Türkiýäniň dynç alyş şäheri. **25.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlaw demir. **27.** Maddanyň mukdarynyň birligi. **29.** Üm. **30.** Uçarlary, dikuçarlary gonmak, ýerleşdirmek bilen üpjün edýän gury ýer meýdançasy. **32.** Dürli gözlegleri taýýarlamak we geçirmek, dogry tertipde saklamak üçin jogapkär hünärmen. **33.** Maksat, niýet. **36.** Suwa batmaz ýaly balyk tutulýan torlara, çeňňegiň bagyna berkidilýän, gara deregiň kökünden taýýarlanýan agaç. **37.** Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy. **38.** Türkmen nusgawy şahyry Gurbanaly ... **39.** Arassaçylygy saklamaýan, arymsy bolmadyk. **43.** Ynanç, ygtybar. **44.** Meşhur nakgaşlyk eseri «... Liza».

● **KESELIGINE:** **1.** Irmän-arman, ýadaman. **9.** Sungatyň bir görnüşi. **10.** Bolelinlikde erkana, azat ýaşamak. **12.** «Kyrk ýyl ... gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin» (Mollanepes). **14.** «Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň/... getirse gökni haýbatyň» (Magtymguly). **15.** Kebelek. **16.** Gadymy hindi eposy. **19.** Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. **21.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **23.** Ispan aw iti. **24.** Birneme ýogyn, ýogynrak. **26.** Toý-... **28.** Ýewropanyň günorta-gündogarynda ýerleşýän bir döwlet. **29.** Ýş. **31.** Örän gowşak, başarnyksyz. **34.** Bedeniniň arka tarapy tikenli bolan we düýrlenip bilýän jandar. **35.** Birleşdirilen elementler toplumy. **38.** Öwgi, taryp. **40.** Çagalaryň söýgüli gahrymany. **41.** Dessançy şahyr. **42.** Oňurga süňki bilen döşi birleşdirýän ýaý görnüşli uzyn süňkler. **43.** Bir zady, hereketi, alamaty ýagşylyga ýormak däbi. **45.** Türkana, sada. **46.** Gyz ady. **47.** Şagalaňly, şüweleňli.

1-nji krosswordyň jogaby:



2-nji krosswordyň jogaby:



3-nji krosswordyň jogaby:



# ÇÄRÝEK FNALÇYLAR BELLI BOLDY

**Marokkoda geçirilýän 35-nji Afrika Milletler Kubogy ýaryşynda 1/8 finalyň oýunlary tamamlanyp, çärýek finala çykan toparlar belli boldy. Faworit 8 toparyň 7-si çärýek finala çykyp, diňe Maliniň Tunisi ýaryşdan çykarmagyna garaşylanokdy.**

Senegalyň ýygyndysy Sudanyň ýygyndysyny 3–1 hasabynda ýeňip, 12-nji gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy. Duşuşykda Sudanyň ýygyndysy Abdallahyň 6-njy minutdaky goly bilen hasaby açsa-da, Senegalyň milli topary Pepe Geýeniň gollary esasynda öňe geçip, arakesmä çykdy. Duşuşygyň 77-nji minutynda Mbaýe oýna soňky nokady goýdy. Toparçadaky ähli duşuşygyny deňlikde tamamlap, 1/8 finala çykan Maliniň ýygyndysy Kasablankada Tunisiň ýygyndysy bilen duşuşdy. Oýnuň 26-njy minutynda Maliden Woýo Kulibali gyzyl kart aldy. Duşuşygyň 88-nji minutynda Tunisiň ýygyndysy Şauatyň goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne 90+6-njy minutda eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Sinaýoko hasaby deňledi. Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemänsoň, 11 metrlik jerime urgularynda 3–2 hasabynda üstün çykan Maliniň ýygyndysy 8-nji gezek çärýek finalda oýnar. Maliniň ýygyndysy edil EURO 2016-da Portugaliýanyň ýygyndysy ýaly 4 duşuşygyny hem deňme-deň oýnap, çärýek finala çykmagy başardy. Olar mundan öňki 8 çärýek finalyň 6-synda ýeňiş gazanyp, ýarym finala adyny ýazdyrypdy.



Ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy Tanzaniýanyň milli topary 1–0 hasabynda ýeňip, oýunda ýene-de Brahim Diaz tapawutlandy. «Real Madridiň» futbolçysy bassyr 4 oýunda gol geçirip, soňky ýarym asyrda şeýle statista ýeten ilkinji müsürli oýunçy boldy.





Günorta Afrika bilen Kamerunyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda olaryň ikinjisi 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Kamerunyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Tçamadeu bilen Kofane geçirdi. GAR-yň ýygyndysyndan Makgopanyň 88-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

Bu kubogy iň köp gazanan Müsüriň ýygyndysyna Beniniň milli toparyny ýeňmek ýeňil düşmedi. Attia bilen Dossunyň garşylyklaýyn gollary esasynda 90 minut deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda has erjel oýun görkezen Müsüriň milli topary Ibrahim hem-de Salahyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Müsüriň ýygyndysy 21-nji gezek çärýek finalda oýnar.

Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Nigeriýanyň milli toparyna çärýek finala çykmak kyn düşmedi. Fez şäherinde geçirilen oýunda Mozambigiň ýygyndysyny 4–0 hasabynda ýeňen Nigeriýanyň milli toparynyň gollaryny Lukman, Osimhen hem-de Adams geçirdi.

Dünýä Kubogy 2026-a wekilçilik etjek 2 ýygyndynyň arasyndaky oýunda Alžiriň milli topary Kongo DR-niň ýygyndysyny goşmaça 30 minutyň iň soňky minutlarynda, has takygy, 119-njy minutda Bulbinanyň geçiren goly esasynda ýeňdi.

Kot-d'Iwuar bilen Burkina Fasonyň ýygyndylarynyň arasyndaky duşuşykda-da soňky çempion ýeňillik bilen ýeňiş gazandy. 3–0 hasabynda üstün çykan Kot-d'Iwuaryň gollaryny Diallo, Diomande hem-de Ture geçirdi.

Çärýek finalda Mali bilen Senegalyň ýygyndylary duşuşsa, ýer eýeleri Marokkonyň bäsdeşi Kamerunyň milli topary bolar. Bu iki duşuşyk 9-njy ýanwarda oýnalar. 10-njy ýanwarda geçiriljek duşuşyklar bolsa 4 güýçli ýygyndynyň arasynda bolup, Alžir bilen Nigeriýanyň, Müsür bilenem Kot-d'Iwuaryň milli toparlary özara güýç synanyşarlar.

Ýeňiş gazanan toparlar 14-nji ýanwarda ýarym finalda duşuşarlar.

1/8 finalyň netijeleri:

**Senegal—Sudan: 3–1** (Pape Geýe 29, 45+3, Mbaýe 77 — Abdallah 6)

**Mali—Tunis: 1–1, 3-2 p** (Sinaýoko 90+6 p — Şauat 88)

**Marokko—Tanzaniýa: 1–0** (Brahim Diaz 64)

**Günorta Afrika—Kamerun: 1–2** (Makgopa 88 — Tçamadeu 34, Kofane 47)

**Müsür—Benin: 3–1 g.w.** (Attia 69, Ibrahim 97, Salah 120+4 — Dossu 83)

**Nigeriýa—Mozambik: 4–0** (Lukman 20, Osimhen 25, 47, Adams 75)

**Alžir—Kongo DR: 1–0** (Bulbina 119)

**Kot-d'Iwuar—Burkina Faso: 3–0** (Diallo 20, Diomande 32, Ture 87)

Çärýek finalyň duşuşyklary:

9-njy ýanwar: **Mali—Senegal** (21:00), **Kamerun—Marokko** (00:00)

10-njy ýanwar: **Alžir—Nigeriýa** (21:00), **Müsür—Kot-d'Iwuar** (00:00)



## Agasy ýaly çempionlyk gazandy

Her ýylyň ahyrynda başlap, täze ýylyň ilkinji hepdesinde tamamlanýan lyžaly bökmek boýunça «Four Hills Tournament» ýaryşynda, ýagny «Dört depe» bäsleşiginde sloweniýaly Domen Prews ýeňiji boldy. Ol Germaniýanyň Oberstdorf hem-de Garmiş-Partenkirhen şäherçelerinde geçirilen ýaryşlarda iň köp utugy toplamagy başardy. Ol Awstriýanyň Innsbruk şäherinde hem-de Bişofshen şäherçesindäki ýaryşlarda bolsa 2-nji ýeri eýeledi. Umumylykda, 1 müň 195,6 utuk toplan 26 ýaşyndaky lyžaçy meşhur bäsleşikdäki ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Ýeri gelende bellesek, Domen Prewsiň agasy Piter Prews 2015/16 möwsüminde çempionlyk gazanypdy. Şunlukda, Domen bilen Piter Prewsler bu ýaryşda çempionlyk gazanan ilkinji doganlar hökmünde hasaba alyndy.

Domen Prewsden soň awstriýaly lyžaçylar – Ýan Hörl bilen Stefan Embaher 2-3-nji orunlary eýelediler. Geçen ýylyň çempiony Daniel Tşofening bu gezek bäsleşigi 7-nji orunda tamamlady.

## Klaebo 5-nji, Diggins 3-nji gezek ýeňiji boldy

**Her ýylyň ahyrynda başlap, täze ýylyň ilkinji hepdesinde tamamlanýan lyžaly typmak boýunça**





**«Tour de Ski» ýaryşynda öňki çempionlar ýeňiş gazandy. 20-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasynda norwegiýaly Ýohannes Hosflot Klaebo bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek ýeňiji boldy (2018/19, 2021/22, 2022/23, 2024/25, 2025/26). 29 ýaşyndaky lyžaçy bu ugurda şweýsariýaly Dario Kolonýadan öňe saýlandy.**

**Klaebo umumylykda ýaryşy 1 sagat 56 minut 12,4 sekuntda tamamlamagy başardy. Münberiň 2-3-nji basgançaklaryna-da norwegiýaly lyžaçylar Mattis Stenshagen bilen Harald Ostberg Amundsen çykdy.**

**Zenanlaryň arasynda amerikaly Jesse Diggins pellehana 2 sagat 11 minut 26,1 sekuntda gelip, awstriýaly Terasa Stadloberi hem-de norwegiýaly Heidi Wengi yzda galdyrdy. 34 ýaşyndaky lyžaçy 2021-nji we 2024-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çempion bolmagy başardy.**

## 48-nji DAKAR RALLISINE BADALGA BERILDI

**3-nji ýanwarda Saud Arabystanynda badalga alan 48-nji Dakar Ralli ýaryşynda 4-nji tapgyr tamamlandy. Ulaglaryň dürli görnüşi boýunça 320-ä golaý sürüjiniň gatnaşýan ýaryşynda ýeňil ulaglaryň arasynda Günorta afrikaly Henk Lategan öňde barýar. «Toyota» kysymly ulagyň sürüjisi 4-nji tapgyrdan soň birinji orna beýgeldi. Öňki çempionlardan Nasser Al-Attiýa («Dacia») 3 minut 55 sekunt bilen 2-nji orny eýeleýär. 3-nji ýerde bolsa şwesiýaly Mattias Ekström («Ford») barýar.**



**Motosiklçileriň arasynda «Honda» toparyna wekilçilik edýän ispaniýaly Toşa Şareina 4-nji tapgyrda liderligi ele aldy. «Honda» kysymly motosikle erk edýän amerikaly Riki Brabek hem edil Şareina ýaly, 4 tapgyry 16 sagat 45 minut 50 sekuntda geçmegi başardy.**

**Ýük ulag sürüjileriniň arasynda «Iveco» toparynyň sürüjileri öňdeligi eýeleýär. Çehiýaly Martin Maçik niderland Mitçel wan den Brinkden 4 minut 28 sekunt öňde barýar. Wan den Brink 4-nji tapgyra çenli sanawyň başyny çekip gelýärdi. 3-nji orunda çehiýaly Aleş Loprais ýaryşy dowam edýär.**

**Dakar Rallisi 17-nji ýanwarda ýaryşyň başlan ýeri bolan Ýanbu şäherinde tamamlanar.**




**9-njy ýanwar (anna)**

**Aýntraht – Borussiýa D (00:30)**

**10-njy ýanwar (şenbe)**

Roma – Sassuolo (22:00)

Baýer – Ştutgart (22:30)

**Galatasaraý – Fenerbahçe (22:30)**

**Tottenham – Aston Willa (22:45)**

Çarlton – Çelsi (01:00)

**11-nji ýanwar (ýekşenbe)**

Portsmut – Arsenal (19:00)

**Fiorentina – Milan (19:00)**

**Bawariýa – Wolfsburg (21:30)**

**M. Ýunaýted – Braýton (21:30)**

**Barselona – Real/Atletiko (00:00)**

**Napoli – Inter (00:45)**

**12-nji ýanwar (duşenbe)**

**Al-Hilal – Al-Nassr (22:30)**

Ýuwentus – Kremoneze (00:45)

Liwerpul – Barnsli (00:45)

**13-nji ýanwar (sişenbe)**

Roma – Torino (01:00)

**Nýukasl – Man. Siti (01:00)**

**14-nji ýanwar (çarşenbe)**

**Çelsi – Arsenal (01:00)**



## Parižde 36 ýyldan soň ilkinji derbi

Fransiýanyň çempionatynda Roždestwo hem-de Täze ýyl mynasybetli berlen arakesme tamamlandy. Çempionatda 36 ýyldan soň oýnalan Pariž derbisinde çempion PSŽ paýtagtyň adybir topary «Pariži» 2–1 hasabynda ýeňdi. PSŽ-niň gollaryny Due (45) bilen Dembele (53), myhmançylykdaky «Pariž» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa Žebbel (51 p) geçirdi. Şeýle-de, bu oýun iki toparyň 48 ýyldan soň ilkinji duşuşygy bolup, olar mundan öň soňky gezek 1978-nji ýylda özara duşuşypdy. Sanawyň lideri «Lans» myhmançylykda «Tuluzanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizip, ornuny saklamagy başardy. Tapgyryň iň geň galdyran netijesi «Welodrom» stadionynda hasaba alnyp, ýerli «Marsel» aşaky orunlarda barýan «Nantdan» 2–0 hasabynda asgyn geldi. Duşuşygy 2 oýunçy (Wermeren 26, Nadir 56) kem tamamlan «Marseliň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Sentonz (31) bilen Kabella (88 p) girizdi. Fransiýanyň çempionatynda bu tapgyrda eminler 5 futbolça gyzyl kart görkezdi. Şol sanda «Lill» hem öz meýdançasynda «Rennden» 2–0 hasabynda ýeňildi. Bu ýeňlişlerden soň 1-2-nji orunlarda barýan «Lans» bilen PSŽ 3-4-nji ýerlerdäki toparlar bilen ara tapawudy açmagy başardy.



## «Çelsi» tälimçisini täzeledi

Täze ýylyň ilkinji gününde Enzo Mareskany wezipesinden boşadan Angliýanyň «Çelsi» topary täze tälimçisini tapdy. London şäheriniň wekili «Ligue 1»-de «Strasbur» toparyny türgenleşdirýän 41 ýaşyndaky angliýaly Liam Roseniory toparyň tälimçiligine bellendi. Ýaş tälimçi «Çelsi» bilen 2032-nji ýylyň tomsuna çenli, ýagny 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Rosenior «Strasbur» toparyndan öň Angliýada «Derbi Kaunti» (2022) hem-de «Hall Siti» (2022-2024) klublaryna-da tälim beripdi. Ol futbolçylyk karýerasy boýunça merkezi goragda oýnap, «Bristol Siti», «Fulham», «Reding», «Ipswiç Tawn», «Hall Siti», «Braýton» ýaly klublaryň köýnekçelerini geýdi. «Strasbur» topary Roseniory tälimçiliginde çempionaty 7-nji orunda tamamlap, UEFA Konferensiýa Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazanypdy.



«Çelsiniň» öňki tälimçisi, 45 ýaşyndaky italiýaly Enzo Mareska 2024-nji ýylda toparyň tälimçiligine bellenip, ol kluba UEFA Konferensiýa Ligasynyň hem-de Klublar Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň çempionlygyny gazandyrdy. Ol «Çelsiniň» tälimçisi hökmünde 92 oýnuň 55-sinde ýeňiş gazanyp, 21-sinde ýeňildi (16 deňlik).




## TÄLIMÇISINI UGRATDY

Angliýanyň «Premier Ligasynda» täze ýylyň ilkinji günlerinde 2-nji uly klub tälimçisini ugratdy. Ýagny «Çelsiden» soň «Mançester Ýunaýted» hem tälimçisini çalşar. «Mançester Ýunaýted» 2024-nji ýylyň noýabrynda bellenen 40 ýaşyndaky (27-nji ýanwarda 41 ýaşaýar) portugaliýaly Ruben Amorimi wezipesinden boşatdy. Mankunianlar Amorimiň tälimçiliginde 63 oýunda 24 gezek ýeňiş gazandy. 21 oýunda utulyp, 18 duşuşykda deňme-deň oýnady. Amorim «Mançester Ýunaýtedde» rowaýaty Aleks Fergusondan soň wezipä bellenenleriň arasynda iň az göterim bilen ýeňiş gazanan tälimçi boldy (38,10 göterim).

Amorim «Mançester Ýunaýtedden» öň «Sporting» toparyny türgenleşdirip, lissabonlylar bilen 2-si çempionlyk jemi 5 kubok gazanypdy. Ol «Sportingden» öňem «Braga» toparyna tälim berip, ýurduň kubogyny eýeläpdi. «Mançester Ýunaýted» esasy tälimçisini tapýança, topara wagtlaýynça klubuň ozalky oýunçylaryndan şotlandiýaly Darren Fletçer tälim berer.

### PREMIER LEAGUE (21) — 22 gol

**West Ham—N. Forest: 1–2** (Murilio 13 ö.d. — Dominges 55, Gibbs-Waýt 89 p), **Bornmut—Tottenham: 3–2** (Ewanilson 22, Krupi 36, Semenýo 90+5 — Tel 5, Palinýa 78), **Brentford—Sanderland: 3–0** (Tiago 30, 65, Ýarmolýuk 73), **K. Palas—A. Willa: 0–0, Man. Siti—Braýton: 1–1** (Holann 41 p — Mitoma 60), **Fulham—Çelsi: 2–1** (Himenes 55, Wilson 81 — Delap 72), **Ewerton—Wulwerhempton: 1–1** (Kin 17 — Mane 70), **Börnli—Man. Ýunaýted: 2–2** (Hewen 13 ö.d., Entoni 66 — Şeşko 50, 60), **Nýukasl—Lids: 4–3** (Barns 36, 90+12, Žoelinton 54, Gimaraýns 90+1 p — Eronson 32, 79, Kalwert-Lýuwin 45+5 p), **Arsenal—Liwerpul**

### LA LIGA (18) — 31 gol

**R. Wallekano—Hetafe: 1–1** (De Frutos 45+1 — Arambarri 90+1), **Selta—Walensiýa: 4–1** (Iglesias 33 p, 59, El-Abdullaui 83, Alwares 90+5 — Pepelu 70), **Osasuna—Atletik: 1–1** (Ruben Garsiýa 34 — Guruseta 71), **Elçe—Wilýarreal: 1–3** (Neto 30 – Moleýro 7, Mikautadze 13, Pedrasa 83), **Espanýol—Barselona: 0–2** (Olmo 86, Lewandowski 90), **Sewilýa—Lewante: 0–3** (Losada 45+2, Esli 77, Alwares 90+4), **Real Madrid—Betis: 5–1** (Gonzalo Garsiýa 20, 50, 82, Asensio 56, Fran Garsiýa 90+3 — Kuço Hernandes 66), **Alawes—Owiedo: 1–1** (Boýe 69 — Winiýas 56), **Malýorka—Žirona: 1–2** (Muriki 90+1 p — Sygankow 25, Wanat 63 p), **R. Sosiedad—Atletiko: 1–1** (Gedeş 55 — Sörlot 50)

### SERIE A (19) — 23 gol

**Pisa—Komo: 0–3** (Perrone 68, Duwikas 76, 90+6 p), **Leçce—Roma: 0–2** (Ferguson 14, Dowbyk 71), **Sassuolo—Ýuwentus: 0–3** (Muharemowiç 16 ö.d., Miretti 62, Dewid 63), **Bolonýa—Atalanta: 0–2** (Krstowiç 37, 60), **Napoli—Werona: 2–2** (MakTomineý 54, Di Lorenzo 82 — Freze 16, Orban 27 p), **Lasio—Fiorentina: 2–2** (Kataldi 52, Pedro 90+5 p — Gosens 56, Gudmundsson 88 p), **Parma—Inter: 0–2** (Dimarko 42, Turam 90+8), **Torino—Udineze: 1–2** (Kasadei 87 — Zaniolo 50, Ekkelenkamp 82), **Kremoneze—Kaliari, Milan—Jenoa**

### LIGUE 1 (17) — 23 gol

**Tuluza—Lans: 0–3** (Said 57, Tomasson 85, Ganiýu 90+5), **Monako — Lion: 1–3** (Kulibali 45+3 — Şuls 38, 57, Abner 79), **Nissa—Strasbur: 1–1** (Wai 54 — Paniçelli 13 p), **Lill—Renn: 0–2** (Frankowski 49, Marlen 56), **Marsel—Nant: 0–2** (Sentonz 31, Kabella 88 p), **Loriýan—Mets: 1–1** (Dieng 73 — Sane 29), **Le Hawr — Anže: 2–1** (Ketan 21, Obugu 81 — Muton 55), **Brest—Oser: 2–0** (Ažork 33, Şotar 79), **PSŽ—Pariž: 2–1** (Due 45, Dembele 53 — Žebbel 51 p)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 20 | 15 | 3 | 2 | 40-14 | 48 |
| 2 | MAN. SITI | 21 | 13 | 4 | 4 | 45-19 | 43 |
| 3 | ASTON WILLA | 21 | 13 | 4 | 4 | 33-24 | 43 |
| 4 | LIWERPUL | 20 | 10 | 4 | 6 | 32-28 | 34 |
| 5 | BRENTFORD | 21 | 10 | 3 | 8 | 35-28 | 33 |
| 6 | NÝUKASL | 21 | 9 | 5 | 7 | 32-27 | 32 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 21 | 8 | 8 | 5 | 36-32 | 32 |
| 8 | ÇELSI | 21 | 8 | 7 | 6 | 34-24 | 31 |
| 9 | FULHAM | 21 | 9 | 4 | 8 | 30-30 | 31 |
| 10 | SANDERLAND | 21 | 7 | 9 | 5 | 21-22 | 30 |
| 11 | BRAÝTON | 21 | 7 | 8 | 6 | 31-28 | 29 |
| 12 | EWERTON | 21 | 8 | 5 | 8 | 23-25 | 29 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 21 | 7 | 7 | 7 | 22-23 | 28 |
| 14 | TOTTENHAM | 21 | 7 | 6 | 8 | 30-27 | 27 |
| 15 | BORNMUT | 21 | 6 | 8 | 7 | 34-40 | 26 |
| 16 | LIDS | 21 | 5 | 7 | 9 | 29-37 | 22 |
| 17 | N. FOREST | 21 | 6 | 3 | 12 | 21-34 | 21 |
| 18 | WEST HAM | 21 | 3 | 5 | 13 | 22-43 | 14 |
| 19 | BÖRNLI | 21 | 3 | 4 | 14 | 22-41 | 13 |
| 20 | W. HEMPTON | 21 | 1 | 4 | 16 | 15-41 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 16 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 10 |
| 4 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 9 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 8 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 19 | 16 | 1 | 2 | 53-20 | 49 |
| 2 | REAL MADRID | 19 | 14 | 3 | 2 | 41-17 | 45 |
| 3 | ATLETIKO M | 19 | 11 | 5 | 3 | 34-17 | 38 |
| 4 | WILÝARREAL | 17 | 12 | 2 | 3 | 34-16 | 38 |
| 5 | ESPANÝOL | 18 | 10 | 3 | 5 | 22-19 | 33 |
| 6 | BETIS | 18 | 7 | 7 | 4 | 30-24 | 28 |
| 7 | SELTA | 18 | 6 | 8 | 4 | 24-20 | 26 |
| 8 | ATLETIK B | 19 | 7 | 3 | 9 | 17-25 | 24 |
| 9 | ELÇE | 18 | 5 | 7 | 6 | 24-23 | 22 |
| 10 | HETAFE | 18 | 6 | 3 | 9 | 14-23 | 21 |
| 11 | SEWILÝA | 18 | 6 | 2 | 10 | 24-29 | 20 |
| 12 | OSASUNA | 18 | 5 | 4 | 9 | 18-21 | 19 |
| 13 | ALAWES | 18 | 5 | 4 | 9 | 15-21 | 19 |
| 14 | R. WALLEKANO | 18 | 4 | 7 | 7 | 14-21 | 19 |
| 15 | R. SOSIEDAD | 18 | 4 | 6 | 8 | 22-26 | 18 |
| 16 | MALÝORKA | 18 | 4 | 6 | 8 | 20-26 | 18 |
| 17 | ŽIRONA | 18 | 4 | 6 | 8 | 17-34 | 18 |
| 18 | WALENSIÝA | 18 | 3 | 7 | 8 | 17-30 | 16 |
| 19 | LEWANTE | 17 | 3 | 4 | 10 | 20-29 | 13 |
| 20 | OWIEDO | 18 | 2 | 6 | 10 | 8-27 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 18 |
| 2 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 3 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 10 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 9 |
| 5 | Kuço HERNANDES (Betis) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 18 | 14 | 0 | 4 | 40-15 | 42 |
| 2 | MILAN | 17 | 11 | 5 | 1 | 28-13 | 38 |
| 3 | NAPOLI | 18 | 12 | 2 | 4 | 28-15 | 38 |
| 4 | ÝUWENTUS | 19 | 10 | 6 | 3 | 27-16 | 36 |
| 5 | ROMA | 19 | 12 | 0 | 7 | 22-12 | 36 |
| 6 | KOMO | 18 | 9 | 6 | 3 | 26-12 | 33 |
| 7 | ATALANTA | 19 | 7 | 7 | 5 | 23-19 | 28 |
| 8 | BOLONÝA | 18 | 7 | 5 | 6 | 25-19 | 26 |
| 9 | LASIO | 19 | 6 | 7 | 6 | 20-16 | 25 |
| 10 | UDINEZE | 19 | 7 | 4 | 8 | 20-30 | 25 |
| 11 | TORINO | 19 | 6 | 5 | 8 | 21-30 | 23 |
| 12 | SASSUOLO | 19 | 6 | 5 | 8 | 23-25 | 23 |
| 13 | KREMONEZE | 18 | 5 | 6 | 7 | 18-21 | 21 |
| 14 | KALIARI | 18 | 4 | 6 | 8 | 19-25 | 18 |
| 15 | PARMA | 18 | 4 | 6 | 8 | 12-21 | 18 |
| 16 | LEÇÇE | 18 | 4 | 5 | 9 | 12-25 | 17 |
| 17 | JENOA | 18 | 3 | 6 | 9 | 18-28 | 15 |
| 18 | WERONA | 18 | 2 | 7 | 9 | 15-30 | 13 |
| 19 | FIORENTINA | 19 | 2 | 7 | 10 | 20-30 | 13 |
| 20 | PISA | 19 | 1 | 9 | 9 | 13-28 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 10 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 6 |
| 4 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 6 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 6 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LANS | 17 | 13 | 1 | 3 | 31-13 | 40 |
| 2 | PSŽ | 17 | 12 | 3 | 2 | 37-15 | 39 |
| 3 | MARSEL | 17 | 10 | 2 | 5 | 36-17 | 32 |
| 4 | LILL | 17 | 10 | 2 | 5 | 33-22 | 32 |
| 5 | LION | 17 | 9 | 3 | 5 | 25-17 | 30 |
| 6 | RENN | 17 | 8 | 6 | 3 | 29-24 | 30 |
| 7 | STRASBUR | 17 | 7 | 3 | 7 | 26-21 | 24 |
| 8 | TULUZA | 17 | 6 | 5 | 6 | 24-22 | 23 |
| 9 | MONAKO | 17 | 7 | 2 | 8 | 27-30 | 23 |
| 10 | ANŽE | 17 | 6 | 4 | 7 | 18-20 | 22 |
| 11 | BREST | 17 | 6 | 4 | 7 | 23-27 | 22 |
| 12 | LORIÝAN | 17 | 4 | 7 | 6 | 20-29 | 19 |
| 13 | LE HAWR | 17 | 4 | 6 | 7 | 15-23 | 18 |
| 14 | NISSA | 17 | 5 | 3 | 9 | 20-30 | 18 |
| 15 | PARIŽ | 17 | 4 | 4 | 9 | 22-31 | 16 |
| 16 | NANT | 17 | 3 | 5 | 9 | 16-28 | 14 |
| 17 | OSER | 17 | 3 | 3 | 11 | 14-27 | 12 |
| 18 | METS | 17 | 3 | 3 | 11 | 18-38 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 11 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 10 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 9 |
| 4 | Odson EDUAR (Lans) | 7 |
| 5 | Wesli SAID (Lans) | 7 |

## Mançesterlileriň yzly-yzyna 3-nji deňme-deňligi

**Angliýanyň çempionatynda** klublar soňky 7 günüň dowamynda 2 duşuşyk geçirdiler. Çempionatyň nobatdaky tapgyry 17–18-nji ýanwarda oýnalyp, bu hepdäniň ahyrynda FA Kubogynyň duşuşyklary oýnalar. Sanawyň lideri «Arsenal» topary «Liwerpul» bilen geçirmeli duşuşygyndan öň, myhmançylykda «Bornmut» toparyny Gabriel bilen Raýsyň (2) gollary esasynda 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy. Çempion «Liwerpul» 20-nji tapgyrda «Fulham» bilen duşuşyp, 90+4-nji minutda öňe geçse-de, 90+7-nji minutda ýeňşi elden giderdi (2–2; Wilson 17, Rid 90+7 — Wirts 57, Gakpo 90+4). 20-nji tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Çelsi» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Reýndersiň 42-nji minutdaky goly bilen öňe geçen şäherlileriň derwezesinden jogap goluny Enzo Fernandes 90+4-nji minutda geçirdi. «Mançester Siti» 21-nji tapgyrda «Braýtony» kabul edip, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Holannyň 41-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan salan goluna Mitoma 60-njy minutda jogap berdi. «Mançester Siti» bassyr 3 duşuşykda deňme-deň oýnap, zerur bolan 6 utugy ýitirdi. Edil şonuň ýaly, 20-nji tapgyrda «Lids», 21-nji tapgyrda-da «Börnli» bilen duşuşan «Mançester Ýunaýted» hem yzly-yzyna 3 duşuşygyny deňlikde tamamlady. Tälimçisini çalşan «Çelsi» 21-nji tapgyrda London derbisinde «Fulham» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda asgyn geldi.





**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» topary şäher derbisinde myhmançylykda «Espanýoly» kynlyk bilen ýeňmegi başardy. «Barselonanyň» derwezeçisi Hoan Garsiýanyň ozalky toparyna garşy erjel oýun görkezen duşuşygynda katalonlar soňky minutlarda 2 gol geçirdi. Şol gollary 86-njy minutda Dani Olmo bilen 90-njy minutda Robert Lewandowski derwezä girizdi. «Real Madridde» şikesli bolan Mbappeniň ornuna Gonzalo Garsiýany esasy düzümde meýdança çykaran Habi Alonsonyň ynamyny ýaş hüjümçi aňryýany bilen ödemegiň hötdesinden geldi. «Betisi» 5–1 hasabynda ýeňen «Real Madridiň» gollarynyň 3-sini Gonzalo Garsiýa öz adyna ýazdyrdy. Ýer eýeleriniň beýleki 2 goluny hem goragçylar Raul Asensio bilen oýna soň giren Fran Garsiýa geçirdi. «Wilýarrealyň» myhmançylykda «Elçeni» Moleýro, Mikautadze hem-de Pedrasanyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňen tapgyrynda «Atletiko Madride» San-Sebastianda «Real Sosiedady» ýeňmek başartmady (1–1).



**Italiýanyň çempionatynda** soňky 7 günde 2 tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Bolonýany» 3–1, soňra myhmançylykda «Parmany» Dimarko bilen Turamyň tapawutlanmagynda 2–0 hasabynda ýeňmegi başardy. «Lasiony» 2–0 hasabynda ýeňen «Napoli» toparyna öz meýdançasynda «Weronany» ýeňmek başartmady. Oýunda «Werona» Freze hem-de Orbanyň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda has tijenen «Napoli» MakTomineý hem-de Di Lorenzonyň takyk urgulary bilen ýeňlişden halas boldy. 18-nji tapgyrda «Atalantadan» 1–0 hasabynda asgyn gelen «Roma» soňky tapgyrda myhmançylykda «Leççeniň» derwezesinden jogapsyz 2 gol geçirdi. «Ýuwentus» topary öz meýdançasynda «Leççe» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, myhmançylykda «Sassuolony» Muharemowiçiň (ö.d.), Mirettiniň hem-de Dewidiň gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Milan» bolsa 18-nji tapgyrda myhmançylykda «Weronany» Leaonyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

OZALKY FILMLERIŇ DOWAMY

**«Ready or Not 2: Here I Come»**

● Komediýa hem-de gorky žanrlaryny özünde jemleýän we mundan 7 ýyl öň ekranlara çykan «Taýýarmy ýa-da ýok?» filminiň ikinjisi mart aýynyň 27-sinde erkanlara çykar. Mätt Bettinelli-Olpin bilen Taýler Žilleniň režissýorlyk edýän kinosynda baş keşbi ýene-de Samara Wiwing janlandyryp, bu gezek oňa Ketrin Nýuton, Sara Mişell Gellar ýaly aktrisalar hem ýoldaşlyk edýärler.

**«Cliffhanger»**

● Silwester Stalloneniň mundan 33 ýyl öň surata düşen «Dyrmaşyjy» filminiň ikinji kinosyna ispaniýaly Žoume Koliet-Serra režissýorlyk edýär. Filmde Lili Jeýms, Nell Taýger Fri, Frans Rogowski, Piers Brosnan ýaly tanymal artistler esasy keşplerde surata düşýärler. Kopleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan kinosy 28-nji awgustda ekranlara çykar.

**«The Hunger Games: Sunrise on the Reaping»**

● Ussat režissýor Fransis Lawrens tarapyndan surata düşürilen «Açlyk oýunlary» filmleriniň hataryna ýene biri goşulýar. «Lionsgate» studiýasyna degişli filmde Ýosef Zada, soňky ýyllarda meşhurlygy artýan Jesse Plemons, şol sanda Raýf Faýns, Glenn Klouz ýaly ussatlar, oskarly Kiran Kalkin, Ell Fanning hem-de Maýa Haýke dagy surata düşýär. Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan kinosy 20-nji noýabrda kinoteatrlaryň ekranlaryny bezär.

**«Practical Magic 2»**

● Oskarly aktrisalar Nikol Kidman bilen Sandra Bullogyň bilelikde surata düşen «Iş bitiriji jady» filminden 28 ýyl soň onuň 2-nji kinosy peýda bolar. Daniýaly meşhur zenan režissýor Suzane Bieriň kameranyň arkasyna geçen kinosynda ýene-de Bullok bilen Kidman surata düşüp, olara Maýsi Williams, Joý King, Solo Mariduenýa ýaly ýaş artistler ýoldaşlyk edýärler. Fantastik we romantik görnüşdäki bu film 18-nji sentýabrda kinoteatrlara goýberiler.

**«Focker In-Law»**

● Ilkinji gezek 26 ýyl mundan ozal ekranlarda peýda bolan Fokerleriň maşgalasynyň gülküli başdan geçirmesiniň 4-nji kinosy «Focker In-Law» diýlip atlandyrylýar. Jon Hamburgyň režissýorlyk edýän kinosynda ýene-de Robert de Niro, Ben Stiller, Owen Wilson dagy surata düşüp, olaryň hataryna Ariana Grande goşulýar. Meşhur komediýanyň täze kinosy 25-nji noýabrdan başlap, prokatlara ýaýradylar.

**«Narnia: The Magician's Nephew»**

● Çagalaryň söýgüli ertekiler toplumy «Narniýanyň gündelikleri» ýene bir ýola ekranlara gaýdyp gelýär. Mundan öňki synanyşyk o diýen şowly bolmandy. Bu gezek filme kino muşdaklary zenan režissýor Greta Gerwigiň nukdaýnazaryndan tomaşa ederler. «Netflix»-iň önümçiligindäki ekran eseriniň 26-njy noýabrda halk köpçüliginiň dykgatyna ýetirilmegine garaşylýar. Filmde Emma Maki, Kari Malligan, Daniel Kreýg, Denis Guf ýaly meşhur artistler surata düşýärler. Filmiň IMAX tehnologiýasy bilen ekranlaşdyrylýandygy habar berlipdi.

**«Jumanji»**

● Meşhur «Jumanji» filmler toplumynyň umumylykda 4-nji kinosy hem 2026-njy ýylda kinoteatrlary bezejek ekran eserleriniň biri bolup, 11-nji dekabrda prokatlara ýaýradylar. Jeýk Kasdan ýene-de kameranyň arkasyna geçip, Dweýn Jonson, Jäk Bläk, Kewin Hart, Karen Jillian, Nik Jonas dagy ozalky keşplerini ýerine ýetirerler.

## EKŞN we TRILLER GÖRNÜŞLI KINOLAR

**«The Rip»**

● Hakyky durmuşda-da iki ýakyn dost bolan Mett Deýmon bilen Ben Afflegiň bilelikde surata düşen kinosyna Jou Karnahan režissýorlyk edýär. Triller görnüşli kino 16-njy ýanwarda «Netflix»-iň tekjesinde özüne orun tapar.

**«Crime 101»**

● Ýylyň öňe saýlanan kraým, triller görnüşli ýene bir kinosy «Crime 101» diýlip atlandyrylýar. Bart Leýtonyň režissýorlygyndaky filmde meşhur ýyldyzlardan Kris Hemswort, Mark Ruffalo, Berri Keogan, Monika Barbaro, Nik Nolte, Halli Berri dagy dürli keşplerde surata düşýärler.

**«Apex»**

● Ekşn filmleriniň islandiýaly režissýory Baltasar Kormakuryň nobatdaky kinosy «Apex» diýlip atlandyrylýar. 24-nji aprelden «Netflix»-de görkezilip başlanjak filmde Şarliz Teron, Taron Ejerton, Erik Bana ýaly «Hollywood»-yň meşhur artistleri surata düşýärler.

**«Normal»**

● Aglaba seriallardaky keşpleri bilen adygan, ýöne «Hiç kim» (Nobody) filmi bilen kino muşdaklarynyň hem uly söýgüsini gazanan Bob Odenkirkiň baş keşpdäki täze ekran eseri «Normal» diýlip atlandyrylýar. Ben Witliniň režissýorlygyndaky filmiň görkeziljek wagty 17-nji aprel diýlip bellenilip, ekran eserinde britaniýaly tanymal aktrisa Lina Hidi hem surata düşýär.

**«Animal Friend»**

● «Warner Bros.» studiýasynyň animasiýa gatyşykly filmi «Haýwan dostlar» 1-nji maýda ekranlarda peýda bolar. Piter Atensionyň režissýorlygyndaky ekşn komediýa görnüşli ekran eserinde Raýan Reýnolds, Jeýson Mamoa, Wins Won, Obri Plaza, Addison Rae, Elli Bamber ýaly artistler surata düşüp, filmiň gahrymanlaryna ses berýärler.




**«The Sheep Detectives»**

● Meşhur aktýor Hýu Jekmanyň baş keşpde surata düşýän komediýa hem-de detektiw görnüşdäki bu filmine Kaýl Balda režissýorlyk edýär. 7-nji maýda ekranlara çykjak filmde Emma Tompson, Braýan Kranston, Nikolas Galitsin, Molli Gordon ýaly artistler hem dürli keşpleri ýerine ýetirýärler.

**«Masters of the Universe»**

● «Amazon MGM Studios»-yň önümi bolan «Älemiň ussatlary» ylmy-fantastik ekşn filminde Nikolas Galitzin, Kamila Mendes, Idris Elba, Ali Brison, Morena Bakkarin, Jared Leto ýaly «Hollywood»-yň belli artistleri dürli keşpleri ýerine ýetirýärler. He-Man-yň täze başdan geçirmeleri esasyndaky bu filme Trawis Naýt režissýorlyk edip, ekran eseri 6-njy iýunda prokata çykarylar. Film ýylyň iri taslamalarynyň biri bolup, onuň býujetiniň 200 million amerikan dollaryna golaý bolmagyna garaşylýar.

**«Moana»**

● «Disney» studiýasynyň soňky ýyllarda animasiýalary janly filme öwürmek däbi ýokary depginde dowam edip, şu ýylyň paýyna hem «Moana» filmi düşýär. Tomas Kailiň režissýorlyk etjek kinosynda Katerine Laga'aia, Dweýn Jonson, Jon Tui, Franki Adams ýaly artistler surata düşerler. Film 10-njy iýulda ekranlara çykar.

**«Mutiny»**

● Triller we ekşn görnüşdäki filmleriň ussat aktýory Jeýson Stetham bu ýyl hem öz güýjüni görkezer. Ol Žan-Fransua Rişeniň «Mutiny» atly filminde baş keşbi ýerine ýetirer. 21-nji awgustda ekranlara çykjak filmde Anabelle Wallis, Jeýson Won hem surata düşer.

**«The Dog Stars»**

● «Gladiator», «Jennetiň şalygy», «Napoleon» ýaly filmleriň halypa režissýory Ridli Skottuň nobatdaky kinosy «The Dog Stars» diýlip atlandyrylýar. 28-nji awgustda ekranlara çykmagyna garaşylýan filmde Jeýkob Elordi, Margaret Kualli, Joş Brolin, Gaý Piers, Benedikt Won ýaly «Hollywood»-yň tanymal artistleri surata düşýärler. Ylmy-fantastik görnüşdäki kino «post-apocalyptic» wakalar barada bolup, ol Piter Halleriň romany esasynda ekranlaşdyrylar.

**«How to Rob a Bank»**

● Mundan öň biri-birinden uruşly filmleri ekranlaşdyran belli režissýor Dewid Leitç özüniň karýerasyna şol görnüşdäki ýene bir kinony goşar. «Amazon MGM Studios»-yň önümi bolan filmde Maýkl Gandolfini, Nikolas Holt, Anna Sawai, Zou Krawits, Renzi Feliz, Kristian Sleýter, Jon Si. Reilli ýaly artistler dürli keşpleri janlandyrýarlar. Film 4-nji sentýabrda ekranlara çykarylar.

**«The Social Reckoning»**

● Amerikan kinematografiýasynyň ussat ssenariçilerinden, şol sanda režissýorlyk hem edýän Aaron Sorkiniň täze filmi «Sosial hasaplaşyk» bolup, onda Jeremi Strong, Jeremi Allen Waýt, Maýki Medison, Bill Burr, Gbenga Akinnagbe ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirýärler. 9-njy oktýabrda ekranlara çykaryljak film «Columbia Pictures»-iň önümidir.





































**«Other Mommy»**

● «Universal» studiýasynyň başga bir kinosy «Başga eje» filminde baş keşpleri oskarly aktrisa Jessika Çesteýn, şol sanda Jeý Duplass hem-de Karen Allen janlandyrýar. 9-njy oktýabrda ekranlarda peýda boljak filme Rob Sawaj režissýorlyk edýär.

**«Madden»**

● Oskaryň dalaşgäri, ussat režissýor Dewid O. Rasselliň amerikan futboly boýunça meşhur tälimçi hem-de kommentator Jon Madden baradaky täze kinosynda Nikolas Keýj, Kristian Beýl, Katrin Han, Jon Mulani, Sienna Miller ýaly tanymal artistler çykyş edýärler. «Amazon MGM Studios»-yň önümi bolan film 26-njy noýabrda ekranlara çykar.

## ANIMASIÝALAR

**«Hoppers»**

● Animasiýalaryň hatarynda şu ýylyň dowamynda bu ugruň öňdebaryjysy «Pixar»-yň 2 multfilmi peýda bolar. Olaryň ilkinjisi «Hoppers» bolup, Daniel Çonuň surata düşüren multfiliminiň gahrymanlaryna Paýper Kurda, Bobbi Moýnihan, Meril Strip, Jon Hamm, Deýw Franko dagy ses berýärler. Bu ekran eseri 6-njy martda kinoteatrlara çykar.

**«The Super Mario Galaxy Movie»**

● Öz wagtynda tutuş dünýäde uly meşhurlyk gazanan «Nintendo» kompaniýasynyň «Super Mario» wideo oýnunyň animasiýa görnüşdäki 2-nji ekran eseri 3-nji aprelde kinoteatrlarda görkezilip başlanar. «Universal» studiýasynyň önümi bolan bu animasiýa hem Aaron Horwat bilen Maýkl Helenik režissýorlyk edýär. Animasiýanyň gahrymanlaryna Kris Pratt, Anýa Teýlor-Joý, Çarli Deý, Jäk Bläk ýaly meşhur artistler ses berýärler.

**«Animal Farm»**

● Belli ýazyjy Jorj Orwelliň tutuş dünýäde uly gyzyklanma bilen okalýan eseri «Haýwan fermasy» animasiýa görnüşde ekranlara çykar. Andi Serkisiň režissýorlygyndaky multfilm 1-nji maýda kinoteatrlara goýberiler. Animasiýanyň gahrymanlaryna Set Rojen, Kiran Kalkin, Wudi Harrelson, Glenn Klouz ýaly ussatlar ses berýär.

**«Toy Story 5»**

● Ýylyň iň esasy garaşylýan animasiýasy bolan «Oýnawaçlaryň hekaýasy 5» 19-njy iýunda kinoteatrlara ýaýradylar. Animasiýa önümçiliginiň öňbaşçysy bolan «Pixar» studiýasynyň täze ekran eserine Andrýuw Stanton režissýorlyk edip, animasiýanyň gahrymanlaryna ýene-de Tom Hänks, Tim Allen, Joan Kusak ýaly artistler ses berýärler.

**«Minions 3»**

● Ýylyň ýene bir garaşylýan animasiýalarynyň biri-de «Minionlar 3» multfilmi bolup, gyzykly başdan geçirme galan ýerinden dowam edýär. «Universal» studiýasynyň ekran eserine Pierr Koffin režissýorlyk edip, ol 1-nji iýuldan başlap kinoteatrlara goýberiler.

**«Angry Birds Movie 3»**

● Fin kompaniýasyna degişli meşhur telefon oýny «Angry Birds» esasynda 3-nji ekran eseri hem peýda bolar. Ýylyň ahyrky günlerinde ekranlara çykjak animasiýa Jon Raýs režissýorlyk eder. «Paramount» studiýasynyň önümçiligindäki multfilmiň gahrymanlaryna ýene-de Jeýson Sudeikis, Joş Gad, Raçel Blum, Danni MakBraýd, Antoni Padilla dagy ses berip, olaryň hataryna Emma Maýers, Wolker Skobell, Lili Jeýms, Keke Palmer goşular.

Bulardan başga-da, belli bir derejede (öňki bölümleriniň saýasynda) muşdagy bolan käbir filmleriň nobatdaky kinolary hem ekranlara çykar. Olardan «Scream 7» 27-nji fewralda, «Mortal Kombat II» 8-nji maýda, «Scary Movie 6» 12-nji iýunda prokatlara ýaýradylar.

Umumylykda, ýokarda hem-de gazetiň geçen sanynda atlary agzalan filmlerden başga-da ýüzlerçe ekran eseri kinoteatrlaryň, şol sanda «streaming» platformalarynyň tekjelerini bezär. 2025-nji ýyl gorkunç görnüşdäki filmleriň ýyly bolup, olar kassa ýygymy boýunça-da uly üstünlige ýetdiler. 2026-njy ýylda hem bu görnüşdäki kinolaryň sany az bolmaz.

Şeýle-de, diňe «Hollywood» ýa-da amerikan filmleri bolman, Fransiýa, Ispaniýa, Italiýa, Skandinaw ýurtlary, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa, Hytaý, Eýran, Latyn Amerika ýurtlary ýaly bu sungatyň öňdebaryjy döwletlerinden hem täze-täze filmler ekranlara çykar. Olar her ýyl geçirilýän uly festiwallaryň senenamasyny doldurarlar.

Şol bir wagtyň özünde soňky ýyllarda önümçilik babatda filmler bilen deňleşip barýan seriallar dünýäsinde hem täze-täze ekran eserleri, ozalky möwsümleriň dowamy «streaming» platformalarynda hem-de teleýaýlymlarda öz orunlaryny taparlar.

# Oskarly aktrisanyň 5 filmi ekrana çykar

**2026-njy ýylda oskarly meşhur aktrisa Enn Heteweýiň esasy keşplerde surata düşjek 5 filminiň ekranlara çykmagyna garaşylýar. 43 ýaşyndaky aktrisanyň 2 filmi barada gazetiň geçen sanynda belläp geçipdik. Ol özüne ikinji plandaky iň gowy aktrisa ugry boýunça Oskar heýkeljigini gazandyran «Şeýtan Prada geýýär» filminiň ikinjisinde ýene-de Andreanyň keşbini janlandyrar. Bu film 1-nji maýdan görkezilip başlanar. Şeýle-de, Heteweý meşhur režissýor Kristofer Nolanyň «Odisseý» filminde Penelopeniň keşbini ýerine ýetirer. Bu film 17-nji iýulda ekranlara çykar.**

**Aktrisanyň şu ýylyň dowamynda ekranlara goýberiljek beýleki filmleri:**

**«MOTHER MARY»**

**● Soňky ýyllarda uly meşhurlyk gazanyp başlan A24 studiýasynyň önümi bolan bu psihologik trillerde baş keşpleri Enn Heteweý bilen Mikaela Koel janlandyrýar. Heteweý bu filmde pop ýyldyzynyň keşbini ýerine ýetirýär. Dewid Loweriniň režissýorlyk edýän kinosy 24-nji aprelde ekranlara çykar.**

**«FLOWERVALE STREET»**

**● Oskarly aktrisa Enn Heteweý bilen meşhur aktýor Ewan MakGregoryň bilelikde surata düşýän bu filmine Dewid Robert Mitçell režissýorlyk edýär. «Warner Bros.» studiýasynyň önümi bolan film 14-nji awgustda kinoteatrlara ýaýradylar.**

**«VERITY»**

**● Ýylyň öňe saýlanýan kinolarynyň biri-de «Verity» bolup, 2-nji oktýabrda ekranlara çykjak filme Maýkl Şowalter režissýorlyk edýär. Filmde esasy keşpleri Enn Heteweý, Dakota Jonson hem-de Joş Hartnet janlandyrýar. Triller görnüşdäki film Kollin Huweriň adybir eseri esasynda ekranlaşdyrylar.**

**«THE PRINCESS DIARIES 3»**

**● Ilkinjisi 2001-nji ýylda, ikinjisi 2004-nji ýylda ekranlara çykan «Şagyzynyň gündelikleri» filminiň üçünjisiniň surata düşüriliş işleri şu ýyl tamamlanar. Ýöne filmiň şu ýylyň dowamynda ekranlara çykyp-çykmajakdygy häzirlikçe belli däl. Filmde Enn Heteweý ýene-de Mianyň keşbini janlandyrar. Juli Andrýuwsyň filme dolanyp-dolanmajakdygy hem häzirlikçe anyk däl. Filme Adel Lim režissýorlyk eder.**



**Aktrisanyň ýene bir filminiň hem şu ýylyň dowamynda surata düşürilmegine garaşylýar. Karo Kleýr Burkeniň aprel aýynda çapdan çykjak «Yesteryear» atly romantik we fantastik romany esasyndaky filmde hem baş keşpde oýnar. Heteweý şol bir wagtyň özünde filmiň prodýuseri hem bolar. Filmiň geljek ýylda ekranlara çykmagyna garaşylýar.**



# KRITIKLER IŇ GOWULARYNY SAÝLADY

Kino sungatynda geçen ýylyň filmlerine we olaryň döredijilik işgärlerine baýrak gowşurylyş döwri dowam edip, Kritikleriň baýraklarynyň (Critics Choice Awards) ýeňijileri mälim edildi. 31-nji gezek gowşurylan baýraklarda iň gowy film diýlip, «Uruş üstüne uruş» (One Battle, Another Battle) kinosy saýlandy. Bu film geçen ýylyň şowly çykan iň gowy 10 kinosynynyň arasyndan saýlanmagy başardy. Baş keşpde oskarly aktýor Leonardo DiKaprionyň, şol sanda Şon Penn, Benesio del Toro, Çeýz Infiniti ýaly artistleriň çykyş edýän bu filmini surata düşüren Pol Tomas Anderson iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Ol bu ugurda Raýan Kugler, Gillermo del Toro, Joş Safdi, Ýoahim Trier hem-de Hloe Çžao ýaly ussat režissýorlary yzda galdyrdy.

Kino tankytçylardan ýokary baha alan filmiň artistleri iň gowy aktýor hem-de aktrisa baýraklaryny başga kinolaryň ýyldyzlaryna aldyrdylar. Ýagny «Ussat Marti» (Marty Supreme) filmindäki keşbi üçin Timoti Şalamen iň gowy aktýor, «Hamnet» filmindäki keşbi üçinem Jessi Bakli iň gowy aktrisa diýlip saýlandy.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary degişlilikde, Jeýkob Elordi («Frankenşteýn», Frankenstein) bilen Emi Madigana («Ýaraglar», Weapons) gowşuryldy.

Iň gowy asyl ssenariý baýragy «Günäkärler» (Sinners) filminiň ssenarisini ýazan, şol bir wagtyň özünde kinonyň režissýory Raýan Kuglere berildi. Adaptirlenen ssenariý baýragyna «Uruş üstüne uruş» filmi üçin Pol Tomas Anderson mynasyp boldy.

«Günäkärler» filmi ýene-de 3 baýrak gazandy. Filmde esasy keşpleriň birini ýerine ýetiren Maýlz Katon iň ökde ýaş artist baýragyna laýyk görüldi. Şeýle-de, Fransin Maýsler iň gowy kasting hem-de filmiň sazlaryny döreden Ludwig Göransson iň gowy saz baýragy bilen sylaglandy.

«Netflix»-iň önümi bolan «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters» multfilmi «Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2), «Elio» (Elio) ýaly ekran eserlerinden öňe saýlanyp, iň gowy animasiýa diýlip saýlandy. Şol bir wagtyň özünde bu animasiýadaky «Golden» atly aýdym iň gowy aýdym baýragyna laýyk görüldi.

Daşary ýurt dilindäki iň gowy film hökmünde portugal dilindäki Braziliýanyň önümi bolan «Syrly jansyz» kinosy saýlandy.

Prokatda uly üstünlik gazanan kinolardan «F1» iň gowy montaž, iň gowy ses, «Awatar: ot we kül» (The Avatar: Fire and Ash) iň gowy wizual effektler, «Frankenşteýn» iň gowy saç bezegi we makiýaž, iň gowy grim, çeperçilik bezegi, «Ýerine ýetirip bolmajak tabşyryk: soňky haklaşyk» (Mission: Impossible – The Final Reckoning) iň gowy kaskadýor bezegi, «Ýalaňaç ýarag» (The Naked Gun) iň gowy komediýa, şol sanda «Otly düýşleri» (Train Dreams) filmi-de iň gowy operator diýen ugurlarda Kritikleriň baýragyna mynasyp görüldi.